**A. Geldimämmedow, P. Perewaruha**

# GANDBOL BOÝUNÇA ÝARYŞLARY GURAMAK WE GEÇIRMEK

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
“Ylym” neşirýaty
2015

UOK 378:796
G32

**Geldimämmedow A., Perewaruha P.**
G32 **Gandbol boýunça ýaryşlary guramak we geçirmek.** *Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy.* – A.: Ylym, 2015. – 92 sah.

“Gandbol boýunça ýaryşlary guramak we geçirmek” atly okuw gollanmasy ýokary okuw mekdepleriniň talyplary, ýöriteleşdirilen çagalar-ýetginjekler sport mekdepleriniň okuwçylary, bu ugurdan içgin iş salyşýan hünärmenler, galyberse-de gandbol sportuny söýüjiler üçin niýetlenendir.

TDKP № 270, 2015 KBK 75.576 ýa 73

© A. Geldimämmedow, P. Perewaruha, 2015
© “Ylym” neşirýaty, 2015



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama*:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

1898-nji ýylda Daniýada täze oýun – “*haandbol*” peýda bolýar. Ony gimnaziýa mugallymy H.Nilsen esaslandyrýar we 1906-njy ýylda bu oýnuň ilkinji düzgünlerini neşir edýär.

Ilkinji halkara düzgünnama 1934-nji ýylda kabul edilýär.

1946-njy ýylda Halkara Gandbol Federasiýasy döredilýär.

1954-nji ýylda bu ugur boýunça dünýä çempionatlary geçirilip başlanýar.

1972-nji ýyldan başlap gandbol Olimpiýa oýunlarynyň maksatnamasyna goşulýar.

Häzirki wagtda 156 döwlet Halkara Gandbol Federasiýasynyň agzalary hasaplanylýar.

1992-nji ýylda Türkmenistan Halkara Gandbol Federasiýasynyň agzalygyna kabul edilýär.

Türkmenistanyň gandbolynyň taryhy 1959-njy ýyldan başlanýar. Şol ýyl Türkmen oba hojalyk institutynda (häzirki S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetinde) we Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde ilkinji gandbol komandalary döredilýär. Gandbol boýunça ilkinji ýaryşlar paýtagtymyzdaky şol wagtky “Lokomotiw” (häzirki “Dagdan”) stadionynda geçirilýär. Erkekleriň arasynda Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň topary öz oýnaýan tälimçisi I.Gusýewiň ýolbaşçylygynda yzygiderli çempion bolýar. Aýallaryň arasynda bolsa 1962-nji ýyla çenli TDU-nyň we şondan soň bolsa zehinli oýunçy A.Kasatkinanyň öňbaşçylygynda Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň topary çempion bolýar. Şeýle-de olar 1976-njy ýyla çenli ýurdumyzyň talyplarynyň arasynda-da çempion bolýar.

S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň topary şol wagtky SSSR-iň oba hojalyk ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda geçirilýän ýaryşlara gatnaşmak bilen, şol ýaryşlaryň baýrakly orunlaryna mynasyp bolýar.

1974-nji ýylda bolsa bu ýokary okuw mekdebiniň aýallar topary şeýle ýaryşda 1-nji orna mynasyp bolýar.

1959-njy ýyldan başlap Türkmenistanyň çempionaty geçirilýär. 1959-1963-nji ýyllarda S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň topary gandbol boýunça Türkmenistanyň çempiony boldy. 1964-1966-njy ýyllarda SKA topary çempion boldy.

1967-nji ýyldan başlap gandbolyň sport görnüşleriniň arasynda has meşhurlyga eýe bolup başlamagy bilen Aşgabat şäheriniň topary Türkmenistanyň çempiony bolýar.

Türkmenistanyň erkekler ýygyndy topary öňki SSSR-iň “A” toparynyň çempionatlarynda üstünlikli çykyş edip başlaýar. Has oňat netijäni olar 1971-nji ýylda öňki SSSR halklarynyň Spartakiadasynda çykyş edip, 11-nji orny eýelemek bilen gazandylar.

Türkmenistanyň aýallar ýygyndy topary 1979-njy ýylda oba hojalyk işgärleriniň Bütinsoýuz oýunlarynyň finalynda çykyş edip, 6-njy orny eýeledi. Öňki SSSR-iň birinji ligasynyň çempionatlarynda käýarym üstünlikli çykyş etdiler. 1982-nji ýylda ýaşlaryň Bütinzoýuz oýunlarynda biziň gyzlarymyz has gowy üstünlik gazandylar. Olar şonda 10-njy orny eýelediler. 1984-nji ýylda öňki SSSR-iň Magaryf ministrliginiň birinjiliginde 3-nji orny eýelediler. 1985-nji ýylda Kiýewde geçirilen ýaşlaryň Bütinsoýuz oýunlarynda biziň gyzlarymyz 9-njy orny eýelediler.

Türkmen gandbolynyň terbiýeläp ýetişdiren ençeme oýunçylary ýokary we birinji liganyň toparlarynyň düzüminde üstünlikli çykyş edýärler. Olar Swetlana Lisiskaýa, Roza Ýoldaşowa, Daniýa Aksýonowa, Lýudmila Hudina, Oksana Nemşon, Lýudmila Şişkina, Güljemal Myradowa, Gülendam Narbaýewa we beýlekilerdir.

Türkmen gandbolçy gyzlaryň arasynda 1986-njy ýylyň dünýä çempionatynyň çempiony, 1988-nji ýylda Seulda geçirilen XIV Olimpiýa oýunlarynyň we 1992-nji ýylda Barselonada geçirilen XV

Olimpiýa oýunlarynyň bürünç medalynyň eýesi Ellina Gusýewa ýaly meşhurlyk gazananlar hem bar. Türkmen gandbolynyň ýene bir uçurymy Roza Ýoldaşowa Moskwa şäheriniň ýokary ligada oýnaýan "Luç" toparynyň düzüminde çykyş etmek bilen, SSSR-iň at gazanan sport ussady diýen ada mynasyp boldy.

Biz elmydama bu özüne çekiji hem owadan oýnuň ilkinji ýyldyzlaryny uly minnetdarlyk bilen ýatlarys.

Oýunçylar, tälimçiler, sport ýolbaşçylary – bular biziň ýurdumyzda gandbolyň ösmegine mynasyp goşant goşan adamlardyr. Olar biziň hormatly weteranlarymyz I.Gusýew, A.Kasatkina, S.Potehin, W.Şirşow, Ý.Gunewskiý, W.Weýdmans, W.Gapçenko, S.Martynow, N.Ýudina, W.Grigorýans, W.Zotow, Ý.Baryşew, P.Perewaruha we beýlekiler.

Gelin-gyzlaryň arasynda bolsa M.Ilbaýewa, Z.Mämmetdurdyýewa, L.Žagulo, T.Möminowa, O.Paşkowa, O.Abramowa, Ý.Fedotowa, M.Zinowa, A.Jepbarowa we başgalardyr.

S.Lisiskaýa biziň ýurdumyzdan daşary ýurt klubunda – Polşanyň "Start" toparynda çykyş edip, kümüş medaly gazanan ilkinji gandbolçydyr.

## SAPAKLARYŇ GEÇIRILÝÄN ÝERI

Biziň ýurdumyzyň şertlerinde okuw-türgenleşik işleriniň uly bölegini açyk meýdançalarda geçirmeklik amatlydyr. Munuň üçin gandbol meýdançalaryny atletiki we ýörite taýýarlyklaryň hem-de şahsy tehnikalaryň üstünde işlemeklik amatly bolan ýerlerde gurmaklyk hökmanydyr.

Meýdançany oýun wagty (aýratyn hem, ýaryş wagty) iki topara-da gün gapdaldan düşer ýaly edip gurmaklyk hökmanydyr, şeýle ýagdaýda iki toparyň oýunçylary hem deň şertlerde bolarlar. Şonuň üçin açyk meýdançalar demirgazyk-gündogar ugurlar boýunça ýerleşdirilýär.

Meýdançanyň töwereginde tomaşaçylar üçin oturgyçly ýerler we ýaryşlary geçirmek üçin enjamlar hökmandyr. Gapdal hatarlaryň birinde sekretariat we ätiýaçdaky oýunçylar üçin saýawan gurdurmaly. Meýdançanyň tutuş töweregini 3 metr beýiklikdäki metaldan tor aýlamaly.

Meýdança meýilleşdirilende suwuň ýygnanaýjak ýalpaklygynyň emele gelmezligi üçin meýdançany biraz eňaşagrak edip gurmaklygy göz öňünde tutmaly. Şu maksat bilen meýdançanyň üstki örtüginiň ortasyndan gapdala 1 metrden 0,5 sm çäklerinde eňňit etmeli. Meýdançada şemalyň we tozanyň az bolmagy üçin onuň çetki çäginden 1-1,5 metr aralykda çalt ösýän saýaly baglary ekmeli. Meýdançanyň gurluş göwrümi 24×44 metr, tribunanyň gurluşynyň ýanyndaky geçelgeleriň ini 2 metr bolmaly.

Meýdançanyň üstüniň agaçlary gutarnykly çüýlenen hem bolup biler, düşelip-ýygnalýan görnüşde-de bolup biler. Düşemäni iň gowu-

sy 6x8 sm pürsjagazlardan ýa-da galyňlygy 50 mm-den az bolmadyk agaçlardan bejermek amatlydyr.

Asfalt meýdançalarda asfalt iki gat edilip (her gatlagyň galyňlygy 2,5 sm), başda iri, soňra çägesöw şekilde düşelýär.

Rezin-bitum örtükli meýdançalar asfalt meýdançalara seredeniňde, aýratyn-da howpsuzlyk babatynda artykmaçdyr. Ol rezin gapaklardan, çägeden we bitumdan taýýarlanylýar. Çägeli meýdançalar biziň şertlerimizde has-da elýeterli we ýönekeýdir.

**Meýdançanyň gurluşy.** Meýdança 22×42 metr, 10-15 sm galyňlykda typmaýan päsgelçilikler edilýär we 15-20 sm galyňlykda çäge sepilýär. Çäge oňat ornaşdyrylmalydyr. Çägeli meýdançalardaky sapaklar türgenleşigiň taýýarlyk döwründe wajyp bolan goşmaça ýüklemeleri döredýär. Türgenleşikleri aýakýalaňaç geçirmeklik maslahat berilýär, sebäbi bu daban-injik bogunlarynyň birleşmelerini berkidýär. Şeýle-de çägeli meýdança akrobatikadan, böküş taýýarlyklaryndan we çalt böwsüşi özleşdirmekden sapaklary geçirmäge mümkinçilik berýär. Onuň ýetmezçilik tarapyna topy ýere urup alyp gitmeklik ýaly käbir maşklary edip bolmaýandygy degişlidir.

Çägeli meýdançanyň topary ýaryşa taýýarlamakda esasy baza bolup hyzmat etmeýändigini belläp geçmelidiris. Olar diňe kömekçi serişdeler hökmünde peýdalanylyp bilner.

Soňky döwürlerde “Regupola”, “Arena”, “Tarafleks” ýaly ulgamlaýyn örtülen meýdançalar giň gerime eýe bolup başlady.

Meýdançalaryň örtügi reňklenilse gowy bolýar. Bu meýdança diňe bir gözel görnüşi bermän, eýsem ony gyzmakdan, hapalanyp, çalt hatardan çykmakdan gorap saklaýar.

Derwezäniň meýdançasyny birmeňzeş gyzyl, gök reňkde reňklemeklik maslahat berilýär. Ýöne biziň ýiti güneşli, yssy howamyzda gara reňk çalt ýanýar we solýar, şonuň üçin has açygrak reňkleri ulanmaklyk amatlydyr. Mysal üçin, 6 metrlik zolagy sary reňk bilen, 9 metrligi mawy reňk bilen, meýdançanyň galan bölegini bolsa ýaşyl ýa-da şoňa meňzeş reňk bilen reňklemeli.

# GANDBOL OÝNUNYŇ DÜZGÜNNAMASY

## OÝUN MEÝDANÇASY

**1:1.** Oýun meýdançasy (*1-nji surata seret*) uzynlygy 40 metr we ini 20 metr bolan gönüburçlukdan ybarat. Ol iki sany derweze meýdanyny (**1:4** we **1:6**) we oýun zolagyny özüne birleşdirýär. Çäklendirýän uzyn çyzyklar gapdal çyzyklar diýlip atlandyrylýar, gysgalary derweze çyzyklarydyr (derwezäniň sütünleriniň arasyndaky) ýa-da derwezäniň daşky çyzyklarydyr (derwezeleriň iki tarapy).

Oýun meýdançasynyň töwereginde howpsuzlyk zolagy ýerleşmelidir. Onuň gapdal çyzyk boýunça ini 1 metrden az bolmaly däl we derweze çyzygynyň daşynda ol 2 metrden az bolmaly däl.

Oýun pursaty oýun meýdançasynyň häsiýetnamasy haýsydyr bir toparyň peýdasyna üýtgedilmeli däldir.

**1:2.** Derweze (*2-nji surata seret*) her daşky çyzygyň merkezinde oturdylmaly. Derweze pola ýa-da arka diwara ynamly berkidilmeli. Derwezäniň içki ölçegleri: beýikligi 2 metr, ini 3 metr.

Derwezäniň diregleri sütün görnüşinde berkidilen. Sütünleriň yzky çägi derweze çyzygynyň içki çägine laýyk gelmelidir. Derweze diregleri we kese sütüni 8 sm gapdally inedördül sepleşendir. Meýdança tarapdan görüp bolýan derwezäniň üç sany üstki kese ýapgyjy iki görnüşli reňk bilen seplenen çyzyklar boýunça reňklenilmeli we ol reňk meýdançanyň reňkinden gowy tapawutlanmaly. Adatça, derwezä urlan top onda galar ýaly tor bolmalydyr.

**1:3.** Meýdançadaky ähli çyzyklar zolagyň esasy bölegi hasaplanylýar we şolar bilen çäklendirilýär. Derweze çyzyklary derweze sütünleriniň aralygyndaky 8 sm giňlikde bolmaly (*2-nji a surata seret*), şol bir wagtda ähli beýleki çyzyklaryň ini 5 sm bolmaly. Iki goňşy zolagyň aralygyndaky bölüji çyzyk dürli çäklendiriji alamatlar bilen aňladylyp bilner.




**1-nji surat. Oýun meýdançasy**

*Sekundometrçiniň, kätibiň stoly we ätiýaçdaky oýunçylaryň oturgyjy olaryň ähli oýunçy çalşygyny görer ýaly ýerleşdirilmelidir. Stollar gapdal çyzyga golaý goýulmalydyr.*




**2-nji surat. Derweze**

**1:4.** Her derwezäniň öňünde derweze meýdançasy ýerleşýär (*2-nji surata seret*). Derweze meýdançasy özüne degişli çyzyklary bilen çäklendirilýär (6 metrlik çyzyk). Ol şeýle ýagdaýda geçirilýär:

a) derwezäniň garşysyndan 3 metr uzynlykdaky çyzyk geçirilýär, ol 6 metrlik derweze çyzygyna paralleldir (ölçeg derweze çyzygynyň içki çetinden derweze meýdançasynyň çyzygynyň daşky çetine çenli geçirilýär);

b) 3 metrlik çyzyga derweze çyzygynyň içi bilen hersiniň aýlawy 6 metr bolan iki sany ýarym çärýek birleşdirilýär (ölçeg derweze sütünleriniň daş tarapynyň içki burçundan geçirilýär) (*1-nji we 2-nji a suratlara seret*).




**3-nji surat. Derwezäniň gapdaldan görnüşi**




**4-nji surat.**
**Ätiýaçdaky oýunçylaryň çalyşýan çyzygy we meýdançasy**

**1:5.** Erkin zyňyşlaryň çyzygy (9 metrlik çyzyk) bellenen çyzykdyr we derweze meýdançasynyň çyzygynyň daş tarapyndan 3 metr aralykda geçirilýär. Çyzygyň segmentleriniň ölçegi edil segmentleriň arasyndaky aralyk ýaly 15 sm barabardyr (*1-nji surata seret*).

**1:6.** 7 metrlik çyzyk – 1 metr uzynlykdaky çyzyk bolup, hökman derwezäniň öňünden, derweze çyzygyna parallel we ondan 7 metr aralykda geçirilýär (ölçeg derweze çyzygynyň içki çetinden 7 metrlik çyzygyň daşky çetine çenli geçirilýär) (*1-nji surata seret*).

**1:7.** Derwezebanyň çäklendirilen çyzygy (4 metrlik çyzyk) – bu 15 sm uzynlykdaky çyzyk bolup, hökman derwezäniň öňünden geçirilýär we ondan 4 metr aralykda derweze çyzygyna parallel bolýar (ölçeg derweze çyzygynyň daş çetinden 4 metrlik çyzygyň daşky çetine çenli geçirilýär (*1-nji surata seret*).

**1:8.** Merkezi çyzyk iki sany gapdal çyzygyň ortasyny birleşdirýär (*1-nji we 3-nji suratlara seret*).

**1:9.** Oýunçy çalşyş çyzygy (gapdal çyzygyň bölegi). Her topar üçin merkezi çyzykdan 4,5 metr aralykda ýerleşen gapdal çyzygyň meýdançasyny öz içine alýar. Oýunçy çalşyş çyzygy gapdal çyzygyň içinden 15 sm we onuň daş tarapyndan 15 sm bolan merkezi çyzyga parallel geçirilýär (*1-nji we 3-nji suratlara seret*).

Bellik: Oýun meýdançasyna we derwezelere degişli has anyk tehniki talaplary *“Oýun meýdançasyna we derwezelere ýolbaşçylyk”* bölümden tapyp bolar.

## OÝUN WAGTY, FINAL SIGNALY WE TAÝM-AUT

### Oýun wagty

**2:1.** Esasy oýun wagty 16 ýaşdan uly oýunçylary bolan ähli toparlar üçin hersi 30 minut bolan iki tapgyrdan ybarat. Tapgyrlaryň arasyndaky arakesme 10 minuda deň. 12-16 ýaşly çagalar toparlarynyň esasy oýun wagty 2×25 minut, 8-12 ýaşly çagalar toparlary üçin 2×20 minut. Iki ýagdaýda-da tapgyrlaryň arasyndaky arakesme 10 minuda barabar.

**2:2.** Oýnuň goşmaça wagty bäş minutlyk arakesmeden soň başlanýar. Bu eger oýnuň esasy wagty deňme-deň tamamlanyp, ýeňijini ýüze çykarmak hökman bolanda edilýär. Goşmaça wagta 5 minutdan arasy 1 minutlyk arakesmeli iki tapgyr goşulýar. Eger birinji goşmaça wagtdan soň ýene-de ýeňiji ýüze çykarylmasa, onda bäş minutlyk arakesmeden soň ikinji goşmaça wagt goşulýar. Bu goşmaça wagta hem bir minutlyk arakesmeli iki sany 5 minutlyk tapgyr goşulýar. Eger şeýle ýagdaýda-da oýun deňme-deň tamamlansa, onda ýeňiji bu ýaryşyň dessuryna laýyklykda kesgitlenilýär. Eger-de ýeňijini anyklamak üçin 7 metrlik urgular hökman bolsa, onda bu ýagdaý şu aşakdaky ýaly bolmalydyr.

***Teswirleme:***

Eger deňme-deň hasapda 7 metrlik urgular peýdalanylsa, onda oýundan çykarylan, daşlaşdyrylan, kowlan oýunçylar oýnuň soňuna çenli gatnaşmak hukugyndan kesilýärler. Her topar 5 oýunçyny belleýär. Bu oýunçylaryň hersi garşydaş toparyň oýunçylary bilen gezekleşip, nobatma-nobat bir urgyny ýerine ýetirýärler. Şonda toparlara oýunçylaryň urgulary ýerine ýetirmek nobatyny öňünden bellemek talap edilmeýär. Toparlaryň derwezebanlary erkin çalşyp bilýärler we oýna gatnaşjak oýunçyny derwezeban bilen çalyşmaga rugsat berilýär. Oýunçylar 7 metrlik urgyny ýerine ýetiriji hökmünde-de, derwezeban hökmünde-de gatnaşyp bilýärler.

Derwezäni saýlamaklygy eminler amala aşyrýarlar. Şeýle-de eminler bije atmagyň kömegi bilen urgyny birinji ýa-da ikinji ýerine ýetirjek topary-da kesgitleýärler. Bu nobat hatda birinji tapgyrdan soň ýeňiji ýüze çykarylmasa, indiki urgular üçin hem saklanýar.

Şeýle ýagdaýda her topar indiki urgulary ýerine ýetirmek üçin ýene-de bäş oýunçyny belleýär. Ähli oýunçylary ýa-da birinji tapgyra gatnaşan oýunçylary peýdalanmaga rugsat berilýär. Urgulary ýerine ýetirmek üçin bäş oýunçyny bellemek usuly ýeňijini kesgitlemeklik pursatyna çenli ulanylýar. Eger şol döwürde oýunçylar gödek ýa-da gaýtalanýan ýalňyşlary goýberse, onda olar oýundan çykarylýarlar (**16:13**). Eger şol oýunçy 7 metrlik urgulary ýerine ýetirýän bäş oýunçynyň düzümine girse, onda ony şol toparyň beýleki oýunçysy bilen çalyşýarlar.

## Final signaly

**2:3.** Oýun wagty topuň başlangyç zyňyş pursatynda meýdança-daky eminiň jürlewügi çalmagy bilen başlanýar. Ol wagtyň habarlar hasaby boýunça awtomatiki berilýän final signal ýa-da sekundometr-çiniň signaly boýunça tamamlanýar. Şeýle signallaryň ýok ýerinde emin oýnuň wagtynyň tamamlanandygy barada özbaşdak jürlewük çalýar (**17:9**).

***Teswirleme:***

Wagtyň hasabyny habar berýän awtomatiki final serişdesiniň (si-renasynyň) ýok ýagdaýynda sekundometrçi stol sagadyny ulanýar ýa-da sekundometrden peýdalanýar we özi final signalyny berýär (**18:2**).

**2:4.** Final signalyndan öň onuň berlen wagty düzgün bozma ýa-da sporta mahsus bolmadyk hereket bolsa (tapgyryň ýa-da oýnuň we goşmaça wagtyň dowamynda bolsun – tapawudy ýok), hatda eger erkin urgy bellenen bolsa-da (**13:1** düzgünnama laýyklykda) ýa-da final signalyna çenli 7 metrlik urgy final signalyna çenli ýerine ýe-tirilmedik bolsa, onda signaldan soň çäre görmek temmisi berilýär. Eger erkin urgy ýa-da 7 metrlik urgy ýerine ýetiriljek wagty tapgyryň ýa-da oýnuň, şonuň ýaly-da goşmaça wagtyň tamamlanandygy bara-da final signal ýaňlanan bolsa, onda urgyny gaýtalamak hökmandyr (bu haçan-da top howada bolsa-da şeýledir). Iki ýagdaýda-da emin oýny erkin urgy ýa-da 7 metrlik urgy ýerine ýetirenden soň oýny ta-mamlaýar we onuň netijesi tassyklanylýar.

**2:5.** Erkin urgular ýerine ýetirilende (ýa-da ol gaýtalananda) **2:4** düzgünnama bilen baglanyşykly oýunçylary ýerleşdirmek we ola-ry çalşyrmak üçin ýörite çäklendirmeler bolýar. **4:4** düzgünnamada beýan edilen ýagdaýdan tapawutlylykda, bir oýunçyny çalyşmaga rugsat berilýär we ol urgyny ýerine ýetiren topara degişlidir. Bu ta-laby bozan oýunçylara **4:5** düzgünnama laýyklykda temmi berilýär. Mundan başga-da urgyny ýerine ýetirýän toparyň ähli oýunçylary ur-gyny ýerine ýetirýän oýunçydan 3 metrden golaýda durmaly däldirler we garşydaşyň erkin urgy çyzygyndan hem şonça aralykda bolmaly

(**13:7**, **15:6**, şeýle-de *1-nji usuly hödürnama seret*). Goragçy oýunçylaryň ýerleşişi **13:8** düzgünnamada beýan edilendir.

**2:6.** Oýunçylara ýa-da resmi adamlara düzgüni bozandygy ýa-da sporta mahsus bolmadyk hereketi üçin şahsy temmi berilýär. Erkin ýa-da 7 metrlik urgy ýerine ýetirendäki şeýle düzgün bozma **2:4**, **2:5** düzgünnamada anyk beýan edilendir. Emma şeýle urgular ýerine ýetirilendäki düzgün bozmalar üçin gapma-garşy tarapa erkin urgy bellenilmeli däldir.

**2:7.** Eger emin sekundometrçiniň final signalyny (tapgyryň ýa-da oýnuň tamamlanandygy barada) juda ir berendigini aýdyň etse, onda olar oýunçylary meýdançada galdyrýarlar we olar galan wagty oýnadýarlar. Haçan-da wagtyndan öň signal ýaňlananda topy eýeläp duran topar oýun täzeden başlananda hem oňa eýelik etmek hukugyny saklaýar. Eger top oýunda bolmasa, onda oýun saklanan pursatyna laýyklykda urgy bilen täzeden başlanýar. Eger top oýunda bolsa, onda oýun **13:4a** we **13:4b** düzgünnama bilen baglylykda erkin urgy bilen başlanýar. Eger oýnuň birinji tapgyry (ýa-da goşmaça wagtyň tapgyry) bellenen wagtdan uzak dowam etse, onda ikinji tapgyr şol wagta laýyklykda kemeldilmelidir. Eger oýnuň ikinji tapgyry (ýa-da goşmaça wagtyň tapgyry) wagtyndan uzak dowam etse, onda emin şeýle ýagdaýda hiç hili üýtgeşme girizmeýär.

## Taým-aut

**2:8.** Taým-aut şeýle ýagdaýlarda hökmany hasaplanylýar:

a) oýunçy 2 minutlyk çykarylanda, kowlanda ýa-da oýundan çykarylanda;

b) toparlaýyn taým-aut berlende;

ç) sekundometrçiniň ýa-da tehniki wekiliň jürlewüginde;

d) **17:7** düzgünnama laýyklykda dörän ýagdaýy eminler ara alyp maslahatlaşanda, şeýle-de taým-aut dörän şertlere baglylykda kesgitli beýleki ýagdaýlarda-da berilýär (*2-nji usuly hödürnama seret*). Taým-aut wagtyndaky düzgünnamada edil oýun pursatyndaky ýaly temmi bererliklidir (**16:13**).

**2:9.** Esasan, haçan wagty saklamalydygyny we taým-aut bermelidigini emin çözýär. Emin haçan üç sany gysga jürlewük çalanda sekundometrçi oýun wagtyny saklaýar, olary 16-njy el hereketi bilen ugradýar. Emma haçan taým-aut hökmany bolsa, sekundometrçiniň ýa-da tehniki wekiliň (**2:8b; 2:8ç**) jürlewüginden soň, sekundometrçi emin goşulmasyzdan dessine sagady saklamaga borçludyr. Taým-autdan soň oýny dowam etmek üçin jürlewük hökmanydyr (**15:5b**).

***Teswirleme*:**

Sekundometrçiniň (tehniki wekiliň) jürlewügi boýunça oýun saklanmalydyr. Eger eminler (oýunçylar) oýnuň saklanmagyna düşünmeseler-de, meýdançadaky her dürli hadysa jürlewükden soň hasap edilmeýär. Eger-de jürlewükden soň top derwezä geçirilen bolsa, gol hasap edilmeýär. Şeýle-de eminiň 7 metrlik urgy bellemek, erkin urgy, gapdaldan urgy, başlangyç zyňyş ýa-da derwezebanyň zyňşy hasap edilmeýär. Tehniki wekiliň jürlewük çalyp, signal berip, oýny saklan ýagdaýyna laýyklykdaky meýdançadan dowam etdirilýär. Eger stoldan ýaňlanan jürlewük boýunça oýnuň şeýle arakesmesinde toparlaýyn taým-autyň we oýunçy çalşygyň düzgün bozmasynyň ýüze çykýandygyny ýatdan çykarmaly däldir. Emma stoldan ýaňlanan jürlewükden tä eminler tarapyndan oýnuň saklanýan pursatyna çenli aralykda bolan ähli şahsy temmiler güýjünde galýar. Ol düzgün bozmanyň hiline we temmi çäresiniň berkligine garamazdan täsirliligini ýitirmeýär.

**2:10.** Her topara her tapgyryň esasy oýun wagtynda bir gezekden bir minutlyk taým-aut almak hukugy berilýär, ýöne goşmaça wagtda däl (*3-nji usuly hödürnama*).

## TOP

**3:1.** Top deriden ýa-da sintetiki materialdan taýýarlanylýar. Ol togalak bolmalydyr. Daşy typanjak we ýalpyldawuk bolmaly däldir (**17:3**).

**3:2.** Topuň ölçegi, ýagny onuň töweregi we agramy dürli ýaşly derejeli toparlar üçin şu aşakdaky ýalydyr:

– 58-60 sm we 425-475 g (IGF-niň 3-nji ölçegi) erkekler we uly ýaşly ýetginjekler üçin (16 ýaşdan uly);

– 54-56 sm we 325-375 g (IGF-niň 2-nji ölçegi) aýallar we gyzlar toparlary (14 ýaşdan uly) hem-de ýetginjekler toparlary üçin (12 ýaşdan 16 ýaşa çenli);

– 50-52 sm we 290-330 g (IGF-niň 1-nji ölçegi) gyzlar topary (8-den 14 ýaşa çenli) we oglanlar topary üçin (8-den 12 ýaşa çenli).

***Teswirleme:***

Ähli resmi halkara ýaryşlarda we yklymara ýaryşlarda ulanýan toplar üçin tehniki talaplar IGF-niň toplar baradaky dessurynda görkezilendir. Mini-gandbolda ulanýan toplaryň ölçegi we agramy oýnuň adaty düzgünnamasynda dessurda hödürlenilmeýär.

**3:3.** Her oýna iň pesinden iki top hödürlenilýär. Ätiýaçdaky toplar sekundometrçiniň stolunyň ýanynda tutuş oýnuň dowamynda goýulmalydyr. Toplar **3:1; 3:2** düzgünnamanyň talaplaryna laýyk bolmalydyr.

**3:4.** Haçan ätiýaçdaky toplary ulanmalydygyny eminler çözýärler. Şeýle ýagdaýda eminler, mümkin boldugyndan, ätiýaçdaky topy çalt oýna girizmeli – bu arakesme wagtyny gysgaldar we taýmautdan saklanar.

## TOPAR, ÄTIÝAÇDAKY OÝUNÇYLAR, OÝUNÇYNYŇ EGIN-EŞIGI

### Topar

**4:1.** Topar 14 oýunçydan durýar. Bir wagtyň özünde meýdançada 7-den köp bolmadyk oýunçy bolup biler. Beýleki oýunçylar ätiýaçdaky hasaplanýarlar. Oýnuň tutuş dowamynda topar derwezeban hökmünde bir oýunçyny meýdançada ulanyp bilýär. Derwezeban hasaplanylýan oýunçy islendik wagt meýdançadaky oýunça öwrülip bilýär. Şeýle-de meýdançadaky oýunçy hem islendik wagt derwezeban bolup bilýär (**4:4** we **4:7** düzgünnamalara seret). Oýnuň başynda toparyň oýun meýdançasynda 5-den az bolmadyk oýunçysy bolmaly. Oýnuň dowamynda, goşmaça wagtda hem, islendik wagt toparyň

oýunçysynyň sany 14-e çenli köpeldilip bilner. Eger toparyň oýun meýdançasyndaky oýunçylaryň sany 5-den az bolanda-da oýun dowam etdirilip bilner. Nirede we haçan oýnuň gutarnykly tamamlanandygyny diňe emin çözüp biler (**17:12**).

**4:2.** Tutuş oýnuň dowamynda toparda 4-den köp bolmadyk resmi adam bolup biler. Bu resmi adamlar oýnuň tutuş dowamynda çalşyrylyp bilinmez. Olaryň biri toparyň resmi wekili diýlip ykrar edilýär. Diňe şol sekundometrçä (kätibe we eminlere) ýüz tutmak hukugyndan peýdalanýar (*3-nji usuly hödürnama - toparlaýyn taým-auta seret*). Esasan, resmi adamlara oýun wagty oýun meýdançasyna çykmaga rugsat berilmeýär. Bu düzgün bozulsa, oňa sporta mahsus bolmadyk hereket diýlip seredilýär (**8:4, 16:1ç, 16:3d** we **16:6a**). Oýun toparyň garşydaşynyň erkin urgyny ýerine ýetirmegi bilen dowam etdirilýär (**13:1a; 13:1b**, *9-njy usuly hödürnama seret*). Toparyň resmi wekili ätiýaç oýunçylaryň oturgyjynda ätiýaçdaky oýunçylardan başga hiç kimiň bolmazlygyna jogapkärçilik çekýär, şol oýunçylara meýdança çykmaga hukuk berlendir (**4:3**). Bu düzgün bozulsa, toparyň resmi wekiline temmi berilýär (**16:1ç, 16:3d** we **16:6a**).

**4:3.** Oýunçy ýa-da toparyň resmi adamsy eger onuň ady oýnuň ýazgy beýanyna girizilen bolsa, oýna gatnaşmak hukugyndan peýdalanýar we ol oýun başlamazyndan öň bu ýere gelýär. Oýun başlanandan soň gelen toparyň oýunçylary we resmi adamlary kätipden ýa-da sekundometrçiden rugsat almalydyr hem-de olaryň atlary ýaryşyň ýazgy beýanyna girizilmelidir. Oýnamaga hukuk berlen oýunçy oýunçylaryň çalşyş çyzygyndan islendik wagt oýun meýdançasyna çykyp biler (**4:4** we **4:6a**). Toparyň resmi wekili oýun meýdançasyna diňe oýnamaga hukuk berlen oýunçynyň çykmalydygyna jogapkärçilik çekýär. Bu talabyň bozulan ýagdaýynda ol toparyň resmi wekiliniň sporta mahsus häsiýeti däl diýlip kabul edilýär (**13:1a; 13:1b; 16:1ç, 16:3d** we **16:6a**, şeýle-de *9-njy usuly hödürnama seret*).

## Ätiýaçdaky oýunçylar

**4:4.** Ätiýaçdaky oýunçylar birnäçe gezek we islendik wagt diňe çalşyrylýan oýunçy oýun meýdançasyndan çykan pursatynda sekundometrçiniň rugsady bolmasa-da, oýun meýdançasyna çykyp bilýärler (**2:5** we **4:5**). Çalşyrylýan oýunçylar oýun meýdançasyna diňe çalşyş zolagynyň çyzygynyň üsti bilen çykyp hem girip bilerler (**4:5**). Bu talap derwezebanlar çalşyrylanda-da degişlidir (**4:7** we **14:10**). Çalşyş düzgünnamasy taým-aut wagtynda-da hereket edip, güýjüni ýitirmeýär (toparlaýyn taým-aut muňa degişli däldir).

***Teswirleme:***

"Çalşyk çyzygynyň" sany oýunçy çalşygynyň pursatyny tertibe salýar. Ýöne şeýle ýagdaýda hiç bir bähbitsiz gapdal çyzygy ýa-da derwezäniň daşky çyzygyny basan oýunça temmi bermek hökman däldir. Mysal üçin, ätiýaçdaky oýunçylaryň oturgyjyndan suw ýa-da süpürgiç aljak bolup, çyzygy basan ýa-da jerime berlen oýunçy şol çyzykdan geçse, oňa çäre görülmeýär. Oýun meýdançasyndan daşardaky zolagyň kanunsyz ulanylmagy **7:10** düzgünnamada aýratyn seredilýär.

**4:5.** Çalşyş düzgünini bozan oýunça 2 minutlyk jerime berilýär. Eger bir wagtda bir oýunçydan köp gandbolçy oýunçy çalşyş düzgünini bozsa, onda diňe düzgüni bozan birinji oýunça çäre görülýär. Oýun garşydaş toparyň erkin urgusy bilen ýola goýulýar (**13:1a; 13:1b**; şeýle-de *9-njy usuly hödürnama seret*).

**4:6.** Eger ätiýaçdaky oýunçy çalyşmasyzdan meýdança çyksa ýa-da oýunçy oýun pursatyna düzgüni bozup goşulsa, onda ol 2 minutlyk jerimä ugradylýar. Onuň toparyndaky oýunçylaryň biri meýdança çykan goşmaça oýunçynyň meýdançany taşlamalydygyna garamazdan, şol iki minudyň dowamynda meýdançadan çykarylýar. Eger jerime salnan oýunçy 2 minut tamamlanmanka oýun meýdançasyna çyksa, onda goşmaça ýene-de 2 minut jerimä iberilýär. Mundan başga-da jerimä iberilen oýunçydan başga onuň toparynda şol 2 minudyň dowamynda ýene-de bir oýunçy çykarylýar. Iki ýagdaýda-da garşydaş toparyň erkin urgusy bilen oýun dowam etdirilýär (**13:1a; 13:1b**, şeýle-de *9-njy usuly hödürnama seret*).

## Oýunçynyň egin-eşigi

**4:7.** Toparyň meýdançadaky ähli oýunçylary birmeňzeş oýun eşigini edinmelidir. Iki toparyň eşiginiň görnüşi we gelşikliligi biri-birinden juda tapawutlanmalydyr. Derwezebanyň wezipesini ýerine ýetirýän ähli oýunçylar reňki boýunça birmeňzeş eşik edinmelidir, olaryň reňki meýdançadaky iki toparyň hem oýunçylarynyň eşiginden bütinleý tapawutlanmalydyr, garşydaş toparyň derwezebanlarynyň eşiginden hem tapawutlanmalydyr.

**4:8.** Oýunçylar futbolkasynyň arkasynda dikligine 20 sm bolan we öňünde dikligine 10 sm bolan san belligini edinmelidir. Peýdalanylýan şeýle bellikler 1-den 20-ä çenli bolmalydyr. Meýdançadaky oýunçy, şeýle-de derwezebanyň borçlaryny ýerine ýetirýän şol bir san belliginde bolmalydyr. San belliginiň reňki futbolkanyň reňkinden we bezeginden bütinleý tapawutlanmalydyr.

**4:9.** Oýunçylar sport köwşüni geýmelidir. Oýunçylar üçin howp döredip biljek zatlary, mysal üçin, kelle üçin gorag, ýüz üçin maska, bilezik, goşar sagatlary, ýüzük, monjuk we zynjyr, gulakhalka, goragsyz ýa-da gaty aýnaly äýnek hem-de howp döredip biläýjek islendik beýleki zatlary (**17:3**) ulanmaga rugsat berilmeýär. Ýylmanak ýüzüklere, kiçijik gulakhalkalara we beýleki oýunçylara howp döredip bilmejek zatlara rugsat berilýär. Şeýle-de sintetiki materialdan kellä daňlan ýumşak daňa rugsat berilýär. Bu talaplary ýerine ýetirmeýän oýunçylar oýna goýberilmeýär, haçan-da görkezilen kemçilikler düzedilende olar goýberilýärler.

**4:10.** Eger oýunçynyň ganaýan ýeri ýa-da onuň bedeninde ýa eşiginde gan bar bolsa, onda ol oýunçy özbaşdak we dessine oýun meýdançasyndan çykmalydyr hem-de ganyny saklamalydyr, ýarasyny daňmaly, bedeninden ýa eşiginden gany aýyrmaly. Şu talaplar ýerine ýetirilmese, oýunçynyň oýun meýdançasyna dolanmaga haky ýokdur. Eger-de oýunçy eminiň beýan edilen talaplaryna laýyk netijesini ýerine ýetirmese, onda onuň hereketi sporta mahsus däl hasap edilýär (**8:4, 16:1ç** we **16:3ç**).

**4:11.** Eger oýunçynyň şikesi çynlakaý bolsa, onda eminler (16-njy we 17-nji el hereketlerini ulanyp) oýna gatnaşmaga hukukly iki oýunça taým-aut wagtynda öz toparyndan şikes alan oýunça kömek bermek üçin oýun meýdançasyna girmäge rugsat berýär. Eger oýun meýdançasyna topary iki wekili çykandan soň goşmaça adam çyksa, onda olara oýun meýdançasyna çykmagyň düzgünini bozandygy üçin temmi berilýär. Eger olar oýunçylar bolsa, onda olar **4:6** we **16:3a** düzgünler boýunça, eger olar wekiller bolsa, onda olara **4:2, 16:1ç, 16:3d** we **16:6a** düzgünlere laýyklykda temmi berilýär. Eger toparyň wekilleri oýun meýdançasyna çykmaga rugsat edilenden soň, şikes alana kömek etmäge derek, oýunçylara maslahat berseler, garşydaşlara golaýlaşsalar, eminleriň ýanyna barsalar we ş.m., onda olara dessine sporta mahsus hereket däl hökmünde temmi berilýär (**16:1ç, 16:3ç-d** we **16:6a**).

## DERWEZEBAN

**Derwezebana rugsat edilýän zatlar**:

**5:1.** Derweze meýdançasynyň çäginde goranýan pursatynda bedeniniň islendik ýeri bilen topa degmäge rugsat edilýär.

**5:2.** Derweze meýdançasynyň çäginde meýdandaky oýunçylar üçin çäklendirmeleri saklamazdan, top bilen hereket etmäge (**7:2; 7:4; 7:7**), ýöne derwezebana zyňmaklygy saklamaklyga rugsat edilmeýär (**6:4; 6:5; 12:2; 15:5b**).

**5:3.** Derweze meýdançasyny topsuz goýup gitmäge we oýun zolagyndaky oýna gatnaşmaga, şeýle ýagdaýda derwezeban oýun meýdançasyndaky oýunçylar üçin niýetlenen düzgünlere boýun egmelidir. Derwezebanyň bedeniniň islendik ýeri bilen derweze meýdançasynyň çäginden çykyp, oýun meýdançasyna degse, ol derweze meýdançasyndan çykan hasaplanýar.

**5:4.** Eger ol topa gözegçilik etmän, toply derweze meýdançasyndan toply çykmaga we onuň bilen ýene oýun zolagynda oýnamaga.

**Derwezebana rugsat edilmeýän zatlar:**

**5:5.** Derwezeban derwezäni goraýan pursatynda garşydaşyna howply ýagdaýy döretmeli däl (**8:2, 8:5**).

**5:6.** Öz gözegçiligindäki top bilen derweze meýdançasyny taşlamaga; bu talap bozulsa, erkin urgy bellenilýär (**6:1, 13:1a we 15:7** laýyklykda), eger emin derwezebanyň zyňmagy ýerine ýetirmekligine jürlewük çalan bolsa, ýogsam zyňmaklygy gaýtalamaly bolar (**15:7**); eger derwezeban derweze meýdançasyndan daşarda topy ýitirse, haçanda eli toply derweze meýdançasynyň çägindäki çyzykdan geçende bu boýunça **15:7** düzgüne laýyklykda, düzgüniň artykmaçlygyna seret.

**5:7.** Eger top oýun zolagynda ýa-da derwezäniň çäginden daşarda tigirlenip ýören bolsa, derweze meýdançasynyň çäginden daşarda topa degmäge rugsat berilmeýär.

**5:8.** Eger top derweze meýdançasynyň çäginden daşarda ýatan ýa-da tigirlenip ýören bolsa, topy almak bolmaýar (**6:1, 13:1a**).

**5:9.** Oýun zolagyndan derweze meýdançasyna toply dolanmak (**6:1, 13:1a**) gadagan.

**5:10.** Eger top derweze meýdançasyndan daşda ýerde ýatan bolsa ýa-da ol oýun zolagyna togalanyp barýan bolsa, dabanyň ýa aýagyň bilen oňa degmek (**13:1a**) bolmaýar.

**5:11.** Derwezebanyň çäklendirilen çyzygyny (4 metrlik çyzyk) kesip geçmek ýa-da onuň iki gapdalyny kesmek – top garşydaşdan sypmanka – 7 metrlik urgyny ýerine ýetirende (**14:9**).

***Teswirleme:***

Derwezebanyň bir aýagy çäklendirilen çyzygyň ýerinde ýa-da onuň öňünde bolsa (4 metrlik çyzyk), oňa beýleki dabanyny ýa-da bedeniniň islendik bölegini bu çyzygyň aňyrsynda howada we onuň çäginden daşara geçirmäge rugsat berilýär.

## DERWEZE MEÝDANÇASY

**6:1.** Derweze meýdançasynda diňe derwezebana bolmak rugsat berilýär (**6:3**). Eger meýdançadaky oýunçy bedeniniň islendik ýeri bilen derweze meýdançasynyň hatda çyzygyny bassa-da, ony basan hasaplanylýar.

**6:2.** Eger meýdançadaky oýunçy derweze meýdançany bassa, onda şu aşakdaky çözgütler çykarylýar:

a) eger toparyň meýdançadaky oýunçysy toply hüjüm edende derweze meýdançasyna girse ýa-da oýunçy topsuz derweze meýdança girse we şeýdip özüne artykmaçlyk gazansa – derwezeban topy oýna girizýär;

b) eger toparyň goragdaky meýdan oýunçysy derweze meýdançasyna girse, şeýdip özüne artykmaçlyk gazansa, ýöne gol bolaýjak hüjüme päsgel bermese – erkin zyňyş (**13:1b**, şeýle-de *5:1 usuly hödürnama seret*);

ç) eger toparyň goragdaky meýdan oýunçysy derweze meýdançasyna girse we şol sebäpli derwezäni eýeläp bolaýjak mümkinçilige päsgel berse – 7 metrlik urgy (**14:1a**).

**6:3.** Derweze meýdançasyny peýdalanmaklyk şu ýagdaýlarda rugsat berilýär, eger:

a) oýunçy topy geçirenden soň derweze meýdançasyna bassa we bu garşydaş üçin artykmaçlygyny ýitirmäge getirmese;

b) eger toparlaryň biri topsuz derweze meýdançasyny bassa we artykmaçlyk gazanmasa.

**6:4.** Eger derwezeban topa öz derweze meýdançasynda elleri bilen gözegçilik etse, top oýundan daşardaky ýagdaýda hasaplanylýar (**12:1**). Top derwezebanyň zyňmagy bilen oýna girizilýär (**12:2**).

**6:5.** Top derweze meýdançasynyň çäginde tigirlenip ýörse, ol oýunda hasaplanylýar. Ol haýsy toparyň derwezebany tarapyndan degilse, şoňa degişli bolýar. Derwezeban haçan-da oýundan daşardaky ýagdaý hasaplananda topy galdyryp biler we şondan soň ony **6:4** we **12:1; 12:2** laýyklykda oýna girizip biler (**6:7b**). Eger tigirlenip gelýän topa derwezebanyň toparynyň oýunçysy degse, onda erkin urgy bellenilýär (**13:1a** we **14:1a** bilen baglanyşykly *8ç usuly hödürnamasyna seret*). Eger topa garşydaş oýunçy degse, onda oýun derwezebanyň zyňmagy bilen oýna girizilýär (**12:1** (III)). Eger top derweze meýdançasynyň polunda ýatsa, onda ol oýundan daşardaky ýagdaý hasaplanylýar (**12:1**). Ol derwezebanyň toparyna degişli bol-

ýar we diňe derwezeban oňa degip bilýär. Derwezeban **6:4** we **12:2** laýyklykda topy oýna girizmeli (**6:7b**). Derwezebanyň zyňşy eger ol ýa-da beýleki toparyň islendik beýleki oýunçysy tarapyndan topa degilse-de ýerine ýetirilýär (**12:1; 13:3**). Eger derweze meýdançasynyň üstünde howada bolsa, oňa degmeklige rugsat berilýär.

**6:6.** Eger goranýan toparyň oýunçysy goranyş pursatynda topa degse we ony derwezeban gapsa ýa-da top derweze meýdançasynyň içinde galsa, oýun dowam etdirilýär (**6:4; 6:5** laýyklykda derwezebanyň zyňşy bilen).

**6:7.** Eger oýunçy öz derwezebanynyň meýdançasynda topy eýelese, oňa şeýle çözgüt berilýär:

a) eger top derwezä degse – gol;

b) eger top derweze meýdançasynda ýatsa ýa-da derwezeban topa degse we top derwezä girmese – erkin urgy (**13:1a** we **13:1b**);

ç) eger top derwezäniň daşky çyzygyndan çyksa, top gapdaldan oýna girizilýär (**11:1**);

d) eger top derweze meýdançasyna geçse we yzyna, ýagny oýun zolagyna dolansa we şonda derwezeban oňa degmese, oýun dowam edýär.

**6:8.** Top derweze meýdançasyndan oýun zolagyna gaýdyp gelse, ol oýundan galýar.

## TOPLY OÝUN. GOWŞAK OÝUN

**Toply oýunda şular rugsat edilýär:**

**7:1.** Zyňmak, gapmak, saklamak, aýasy bilen açyk ýa ýapyk topy itmek ýa-da urmak, el, kelle, göwre, but we dyz bilen urmak.

**7:2.** Topy 3 sekunda çenli saklamak, hatda ol polda ýatan hem bolsa (**13:1a**).

**7:3.** Toply 3 ädime çenli ätmek (**13:1a**). Ädim şeýdilende ol ädilen hasaplanýar:

a) iki aýagynda duran oýunçy bir aýagynyň dabanyny ýerden üzse we ýene-de ony ýere goýsa ýa-da bir dabanyny bir ýerden başga ýere süýşürse;

b) diňe bir dabanyny degrip, oýunçy topa degse, soňra bolsa beýleki dabanyny ýere degirse;

ç) oýunçy böküşden soň bir dabanyny ýere degirse, soňra ýene şol dabanynda böküş etse ýa-da beýleki aýagy bilen ýere degse;

d) oýunçy böküşden soň iki aýagy bilen birbada ýere degrip, şondan soň bir dabanyny ýerden üzse we ýene ony ýere goýsa ýa-da bir dabanyny bir ýerden başga ýere süýşürse.

***Teswirleme:***

Eger bir dabanyny bir ýerden başga ýere süýşürse, şondan soň beýleki dabanyny onuň ýanyna çekip alsa, diňe bir ädim hasaplanylýar.

**7:4.** Durnukly ýagdaýda ýa-da hereketde:

a) topy bir gezek ýere urmaly we ony ýene-de bir ýa-da iki eliň bilen gapmaly;

b) bir eliň bilen topy ýere birnäçe gezek urmaly (dribling), soňra ony ýene-de bir ýa-da iki eliň bilen gapmaly;

ç) topy ýere urup, bir eliň bilen alyp gitmeli, soňra ony ýene-de bir ýa-da iki eliň bilen gapmaly. Haçan-da top şondan soň bir ýa-da iki eliň bilen gapylandan soň, ony üç sekundyň dowamynda oýnamak hökmandyr ýa-da üç ädimden köp ätmeli däldir (**13:1a**). Alyp gitmek ýa-da dribling haçan-da oýunçy bedeniniň islendik ýeri bilen topa degende we ony ýere gönükdirende başlanýar. Top beýleki oýunça ýa-da derwezä degende, oýunça topy täzeden tutmaklyga rugsat edilýär ýa-da ony alyp gitmek we ony täzeden tutmak bolýar (**14:6**).

**7:5.** Topy bir elinden beýleki eline geçirmek.

**7:6.** Dyzynda oturyp, ýerde oturyp ýa-da ýatyp topy oýnamak; bu edil şeýle ýagdaýda zyňyşlary ýerine ýetirmekligi-de aňladýar (mysal üçin, erkin zyňyş), ýöne şonda **15:1** düzgüne laýyklykda dabanyň bir böleginiň ýerde bolmalydygyny ýatdan çykarmaly däldir.

**Toply oýunda şu aşakdakylara rugsat edilmeýär:**

**7:7.** Top gözegçilige alnandan soň, topa bir gezekden köp degmäge (ol ýere, beýleki oýunça, derwezä degmezinden öň) (**13:1a**); emma eger oýunçy topy tutjak ýa-da saklajak bolup, ony dessine gözegçilige alyp bilmese, bir gezekden köp topa degmeklige temmi berilmeýär.

**7:8.** Garşydaşyň topy oýunçynyň aýagyna zyňan ýagdaýyndan başga topa dabanyň, dyzdan aşagyň bilen degmek (**13:1a; 13:1b**).

**7:9**. Eger top oýun meýdançasyndaky emine degen bolsa, oýun dowam etdirilýär.

**7:10.** Oýunça bir ýa-da iki aýagyň bilen oýun meýdançasynyň çäginden toply çykmak (top oýun meýdançasynyň içinde galanda), mysal üçin, oýunçy goragçydan daşlaşanda. Şeýle ýagdaýda goranýan toparyň peýdasyna erkin urgy bellenilýär (**13:1a**). Eger topy eýeleýän toparyň oýunçysy oýun meýdançasynyň daşyndaky zolagy topsuz peýdalansa, onda emin hereket bilen şol oýunçyny oýun meýdançasyna dolanmaga mejbur edýär. Eger oýunçy eminiň talabyny ýerine ýetirmese ýa-da ýene-de birnäçe wagtdan bu düzgün bozmany gaýtalasa, onda hiç hili duýduryşsyz garşydaşlara erkin zyňyş belleýär (**13:1a**). Şeýle ýagdaýda **8** we **16** düzgünlere laýyklykda şahsy temmi ulanylmaýar.

**Gowşak oýun**

**7:11.** Topara görünýän hüjüm bolmasa ýa-da derwezä urgy ýerine ýetirilmese, topy saklamaga rugsat berilmeýär. Topara başlangyç zyňşy, erkin zyňşy, gapdaldan topy oýna girizmekligi ýa-da derwezebanyň zyňşyny ýerine ýetirmekligi birnäçe gezek uzaga çekdirmek rugsat edilmeýär (*4-nji usuly hödürnama seret*). Bu gowşak oýun diýlip bahalandyrylýar we eger ol gowşak oýny dowam etdirse, toply topara garşy erkin urgy bellenilip temmi berilýär (**13:1a**). Erkin urgy oýun saklanan pursatynda top nirede bolsa şol ýerden ýerine ýetirilýär.

**7:12.** Eger gowşak oýna ýykgyn edilse, duýduryş el hereketi ulanylýar (18-nji el hereketi). Şonuň bilen birlikde topy eýelän topara hüjüm ediş usulyny üýtgetmeklige mümkinçilik berilýär we ol topy ýitirmekden gaçýar. Eger duýduryş el hereketinden soň hüjüm ediş hereketler üýtgemese, onda toply toparyň garşysyna erkin urgy bellenilýär (*4-nji usuly hödürnama seret*). Kesgitli ýagdaýlarda eminler topy eýelän topara garşy duýduryş el hereketini ulanmazdan, mysal üçin, haçan-da oýunçy derwezäni eýelemek mümkinçiligini peýdalanmakdan göz-görtele bilgeşleýin ýüz öwürse, erkin zyňyş belläp biler.

## DÜZGÜNI BOZMAK WE SPORTA MAHSUS BOLMADYK HEREKET

**Oýunda şu aşakdakylara rugsat edilýär:**

**8:1.** a) böwet ýa-da topy eýelemek üçin ellerini we eliň penjelerini ulanmak;

b) garşydaşyň islendik tarapyndan topy almak üçin açyk aýany peýdalanmak;

ç) hatda topy eýelemedik hem bolsa garşydaşyň egilmezligi üçin göwresini peýdalanmak;

d) garşydaşyň öňünden fiziki güýje girmek we onuň hereketine gözegçilik etmek üçin oňa el bilen degmek.

**Oýunda şu aşakdakylara rugsat edilmeýär:**

**8:2.** a) garşydaşyň elinden topy gaňyrmak ýa urmak;

b) garşydaşy aýa, eller ýa-da aýaklar bilen böwetlemek ýa-da itmek;

ç) saklamak, tutmak (göwresinden ýa-da eşiginden) itmek, basalamak, garşydaşyň üstüne zyňmak;

d) garşydaşa howp salmak (toply ýa topsuz).

**8:3. 8:2** düzgüni bozmak top ugrundaky göreşde belli bir ähmiýete eýedir; ýöne topuň däl-de, oýunçynyň garşysyna esasy ýa-da goşmaça gönükdirilen düzgün bozma köpçülikde temmi bermäge mynasypdyr. Bu erkin ýa-da 7 metrlik urgudan başga-da şahsy temmi bermegiň hem bolmalydygyny aňladýar. Ol duýduryşdan (**16:1b**) başlap, oýundan çykarylmak (**16:3b**) we kowulmak (**16:6f**) derejä çenli ösdürilip bilner (sporta mahsus däl hereket hem **16:1ç, 16:3ç** we **16:6f** düzgünlere laýyklykda şahsy temmä degişlidir). Emma **16:3** düzgüniň teswirlemesinde görkezilişi ýaly, hatda oýunçy duýduryş heniz almadyk hem bolsa eminler kesgitli düzgün bozma üçin dessine 2 minut çykaryp bilýärler.

**8:4.** Beden we dil taýdan göwne degmeklik sport bäsleşikleriniň ruhuna gabat gelmeýär we edil sporta mahsus däl häsiýet hasaplanýar (mysal üçin, *5-nji usuly hödürnama seret*). Bu oýun meýdançasyndaky we onuň çäginden daşardaky oýunçylara we resmi adamlara

degişlidir. Köpçülikde netijeli temmi bermeklik sporta mahsus däl düzgün bozmada-da ulanylýar (**16:1ç; 16:3ç** we **16:6a**).

**8:5.** Eger oýunçy hüjüm edýän garşydaşyň saglygyna şu aşakdaky ýagdaýlarda howp salsa, oýundan çykarylmalydyr (**16:6b**):

a) gapdaldan ýa-da yzdan ursa ýa-da onuň zyňjak ýa topy geçirjek elini yza gaňyrsa;

b) garşydaşyň kellesine ýa-da onuň bedeniniň islendik ýerine edilen urgy bilen baglanyşykly dürli hereketler;

ç) garşydaşyň göwresine aýagy ýa-da dyzy bilen bilgeşleýin ursa, islendik beýleki urgular, şol sanda badak atmak;

d) garşydaşyň ylgan ýa böken pursatynda ony itse ýa-da onuň özüne gözegçiligi ýitiren derejesine çenli hüjüm etse. Bu derwezebana hem degişli, eger garşydaşyň garşylyklaýyn hüjümi pursatynda ol öz derwezesiniň meýdançasyndan çyksa;

e) derwezä erkin urgy ýerine ýetirilende topy goragçynyň kellesine zyňsa, ýöne şonda goragçy süýşmese; edil şonuň ýaly, eger ol topy 7 metrlik urguda derwezebanyň kellesine zyňsa we derwezeban hereket etmese.

***Teswirleme:***

Garşydaşy fiziki taýdan ähmiýetsiz itiş görnüşindäki düzgün bozma juda howply bolup biler we çynlakaý görnüşe eýedir, eger şol pursat garşydaş muňa garaşmasa we goranyşsyz ýagdaýda bolsa. Çakyşmanyň ähmiýetsiz bolmagyna garamazdan, onuň oýunçyny çynlakaý şikes alma getirmegi mümkin, şonuň üçin düzgün bozan oýunçyny kowmaklyk maslahat berilýär.

**8:6.** Toparyň oýun meýdançasyndaky ýa-da onuň daşyndaky oýunçysy ýa resmi wekili tarapdan gödek, sporta mahsus däl hereketi ýagdaýynda (mysal üçin, *6-njy usuly hödürnama seret*) kowulmak görnüşindäki temmi ulanylmalydyr (**16:6ç)**.

**8:7.** Oýun wagty fiziki güýç ulanan oýunçy oýundan çykarylmalydyr (**16:9; 16:11**). Oýun wagtynda däl wagty fiziki güýç ulanmak onuň kowulmagyna alyp barýar (**16:6d; 16:14b**). Toparyň fiziki güýç ulanan resmi adamy çykarylmaga degişlidir (**16:6ç**).

***Teswirleme:***

Şeýle ýagdaýda ulanan fiziki güýç beýleki bir adamyň garşysyna ulanylan kuwwatly we bilgeşleýin hüjüm diýlip kesgitlenýär (oýunçynyň, eminiň, sekundometrçiniň, kätibiň, toparyň resmi adamsynyň, wekiliniň, tomaşaçynyň we ş.m. garşysyna). Başga söz bilen aýdylanda bu erkin däl, seresaplylygyň netijesi däl ýa-da adatdan daşary ýagdaý hasaplanylýar. Beýleki bir tarapa gönükdirilen tüýkürmeklik hem edil urgy ýaly, fiziki güýç hökmünde seredilýär.

**8:8. 8:2, 8:7** düzgün bozmada, ýagny eger düzgün bozma göni ýa-da gyýtaklaýyn oýny saklamaklyk bilen baglanyşykly bolsa, şonuň netijesinde-de garşydaş üçin derwezäni aç-açan almak mümkinçiligi kesilende, toparyň garşydaşy üçin 7 metrlik urgy bellenilýär (**14:1**). Garşylyklaýyn ýagdaýda düzgün bozma toparyň garşydaşy üçin erkin urgyny bellemeklige getirýär (**13:1a; 13:1b**, şeýle-de **13:2** we **13:3**).

## DERWEZÄNI EÝELEMEK

**9:1.** Eger top derweze çyzygyndan doly geçse (*5-nji surata seret)* we topy zyňan oýunçy tarapyndan onuň toparynyň agzalary, resmi adamlary tarapyndan top zyňylýança hiç hili düzgüniň bozulmazlyk ýagdaýy bolmasa, onda ol gol hasap edilýär. Gapdal çyzykdaky emin iki sany gysgajyk jürlewük sesi we 12-nji el hereketi boýunça derwezäniň eýelenendigine bellige alýar. Gol hatda eger goranýan toparyň oýunçysy topuň derwezä uçup gelýän wagty düzgüni bozan hem bolsa hasap edilýär. Haçan-da emin ýa-da sekundometrçi top derweze çyzygyny kesip geçmänkä oýny saklasa, gol hasap edilmeýär. Eger oýunçy topy öz derwezesine geçirse, garşydaş topara gol hasap edilýär, haçan-da derwezeban zyňşy ýerine ýetiren ýagdaýynda bu hasap däldir (**12:2**).

***Teswirleme:***

Eger top oýna gatnaşmaýanlaryň (tomaşaçy we ş.m.) ýa-da haýsydyr bir zadyň günäsi bilen derwezä girmese we emin eger şolar täsir etmedik bolsa, topuň derwezede boljakdygyna doly göz ýetirse, gol hasap edilýär.




**5-nji surat. Derwezäni eýelemek**

**9:2.** Hasap edilen gol eger emin başlangyç urgy üçin jürlewük çalmasa, ol üýtgedilmän galdyrylýar (**2:9**). Eger derweze eýelenen dessine tapgyryň tamamlanandygy barada signal ýaňlansa we başlangyç urgy ýerine ýetirilende ol ýaňlansa, emin (başlangyç urgusyz) goluň hasaplanandygyny anyk görkezmelidir.

***Teswirleme:***

Haçan-da eminler derwezäniň eýelenendigini bellige alsalar, dessine tablodaky hasabyň üýtgedilmegi hökmanydyr.

**9:3.** Garşydaşy bilen deňeşdirilende sany boýunça köp gol geçiren topar ýeňiji hasaplanylýar. Eger iki toparyň hem gollarynyň sany deň bolsa ýa-da olaryň hiç biri ýekeje gol hem geçirmedik bolsa oýun deňme-deň hasapda tamamlanýar (**2:2**).

## BAŞLANGYÇ URGY

**10:1.** Oýnuň başynda başlangyç urgyny bije boýunça topy utan topar ýerine ýetirýär. Şeýle ýagdaýda garşydaş topar derwezäni saýlap alýar. Şoňa laýyklykda eger bijesi çykan topar derwezäni saýlap alsa, onda garşydaş başlangyç urgyny ýerine ýetirýär. Ikinji tapgyryň başlamazynyň öňüsyrasy toparlar derwezelerini çalyşýarlar. Ikinji tapgyryň başynda başlangyç urgyny oýnuň başynda ony ýerine ýetirmedik topar berjaý edýär. Her gezek goşmaça wagt bellenende bije atylýar we ýokarda beýan edilen **10:1** düzgüniň hödürnamasy goşmaça wagtyň oýnunda hem ulanylmalydyr.

**10:2.** Derweze eýelenenden soň, oýun derwezesine top giren toparyň başlangyç urgusy bilen dowam etdirilýär (**9:2**).

**10:3.** Başlangyç urgy oýun meýdançasynyň merkezinden dürli tarapa ýerine ýetirilýär. Ol jürlewük boýunça 3 sekundyň dowamynda ýerine ýetirilmeli (**13:1a, 15:7**). Başlangyç zyňşy ýerine ýetirýän oýunçy bolmanda bir dabanyny merkezi çyzykda goýmaly, beýlekisini bolsa onuň üstünde ýa-da onuň aňyrsynda goýmaly (**15:6**) hem-de top onuň elinden çykýança şeýle ýagdaýda galmaly (**13:1a, 15:7**, *7-nji usuly hödürnama seret*). Başlangyç urgyny ýerine ýetirýän oýunçynyň ýoldaşlary jürlewük çalynmasa, merkezi çyzykdan geçmeli däldir (**15:6**).

**10:4.** Oýnuň başynda başlangyç urgy ýerine ýetirilende (goşmaça wagtyň hem hemme tapgyrlaryny goşmak bilen) ähli oýunçylar oýun meýdançasynyň öz tarapynda bolmaly. Emma derweze eýelenenden soň, başlangyç urgy ýerine ýetirilende top geçiren toparyň oýunçylary oýun meýdançasynyň iki tarapynda-da bolup bilýärler. Ýöne iki ýagdaýda-da toparyň garşydaş oýunçylary başlangyç urgyny ýerine ýetirýän oýunçydan 3 metr daşlykda bolmaly (**15:4, 15:9, 5:2**, *6-njy usuly hödürnama seret*).

## GAPDAL ÇYZYGYŇ DAŞYNDAN ZYŇMAK

**11:1.** Eger top gapdal çyzykdan doly çyksa ýa-da goranýan toparyň meýdançadaky oýunçysy iň soňky bolup topa degse, şondan soň top onuň toparynyň derwezesiniň daşky çyzygyndan geçse, gapdal çyzygyň daşyndan zyňmaklyk bellenilýär. Şeýle-de ol eger jaýyň depesine degse ýa-da oýun meýdançasynyň ýokarsyndaky bir zada degse bellenilýär.

**11:2.** Gapdal çyzygyň daşyndan zyňmaklyk eminiň jürlewügi çalynmasyzdan ýerine ýetirilýär (**15:5b**). Ony topa soňky degen oýunçynyň garşydaşy ýerine ýetirýär.

**11:3.** Gapdal çyzygyň daşyndan zyňmaklyk topuň gapdal çyzykdan çykan ýerinden ýa-da eger top derwezäniň daşky çyzygyny kesse, onuň derwezäniň daşky çyzygyndan çykan ýeriniň gabadyndaky gapdal çyzygyň daşyndan oýna girizilýär. Eger top jaýyň depesine ýa-da ýokardaky haýsydyr bir zada degse, onda oňa golaý gapdal çyzygyň daşyndan top oýna girizilýär.

**11:4.** Zyňmaklygy ýerine ýetirýän oýunçy aýagynyň dabanyny gapdal çyzyga goýar (**15:5**) we top onuň elinden çykýança şeýle ýagdaýyny saklaýar (**15:7, 13:1a**). Beýleki aýagyň dabanynyň ýagdaýy dessurlaşdyrylmadyk.

**11:5.** Gapdal çyzygyň daşyndan zyňmaklyk ýerine ýetirilende garşydaş toparyň oýunçylary onuň 3 metrden golaýynda bolmaly däldir (**15:4, 15:9**, *5:2b usuly hödürnama seret*). Hatda olaryň we zyňmaklygy ýerine ýetirýän oýunçynyň arasyndaky aralyk 3 metrden az bolsa-da, öz derwezesiniň meýdançasynyň çyzygynda ýerleşmeklige rugsat berilýär.

## DERWEZEBANYŇ ZYŇŞY

**12:1.** Derwezebanyň zyňşy şu ýagdaýlarda bellenilýär, eger:

1. Garşydaş toparyň oýunçysy **6:2b** düzgüni bozup, derweze meýdançasyny bassa;

2. Derwezeban öz derwezesiniň meýdançasynda topy gözegçilige alsa ýa-da top derweze meýdançasynyň çäginde ýatsa (**6:4; 6:5**);

3. Garşydaş toparyň oýunçysy tigirlenip gelýän ýa-da derweze meýdançasynyň çäginde ýatan topa degse (**6:5**);

4. Top derwezäniň daşky çyzygyndan geçse we oňa iň soňky bolup garşydaş toparyň oýunçysy ýa derwezebany degse.

Bu ýokarda bellenenler ähli ýagdaýlarda-da topuň oýundan daşardaky ýagdaýdadygyny aňladýar we derwezebanyň topy zyňşy bilen oýun dowam etdiriler (**13:3**), eger hatda derwezebanyň zyňşy bellenmezden öň we onuň ýerine ýetirilmezinden öň düzgün bozma bolan hem bolsa.

**12:2.** Derwezebanyň zyňşy derwezeban tarapyndan emin jürlewügini çalmasa-da, derweze meýdançasyndan – onuň çyzygynyň daşyna tarap ýerine ýetirilýär (**15:5b**). Eger zyňlan top derweze meýdançasynyň çyzygyndan doly çykanda, derwezebanyň zyňşy ýerine ýetirilen hasaplanýar. Beýleki toparyň oýunçylaryna derweze meýdançasynyň çyzygyna golaý ýerleşmeklige rugsat berilýär, ýöne olara top derweze meýdançasynyň çyzygyny doly kesip geçmese, topa degmeklige rugsat berilmeýär (**15:4, 15:9**, *5:2b usuly hödürnama seret*).

## ERKIN ZYŇYŞ

### Erkin zyňşy ýerine ýetirmäge çözgüt

**13:1.** Şu aşakdaky ýagdaýlarda emin oýny saklaýar we ony erkin urgy bilen toparyň garşydaşy üçin dowam etdirýär:

a) topy eýelän topar topuň ýitirilmegine getirýän düzgün bozmany etse (**4:2, 4:3, 4:5, 4:6, 5:6, 5:7, 5:8, 5:9, 5:10, 6:5, 6:7 b, 7:2, 7:3, 7:4, 7:7, 7:8, 7:10, 7:11, 8:8, 10:3, 11:4, 13:7, 14:4, 14:5, 14:6, 14:7, 15:7** we **15:8**);

b) goraýan toparyň oýunçylary topy eýelän toparyň garşysyna topy ýitirmegine getirýän düzgün bozmany etse (**4:2, 4:3, 4:5, 4:6, 6:2b, 6:7b, 7:8, 8:8**).

**13:2.** Eminler oýny saklamajak bolmaly, kanagatly bolmaly, wagtyndan öň saklaman, erkin urgy bellemejek bolmaly. Bu **13:1a** düzgüne laýyklykda emin eger goranýan topar hüjümçi düzgün bozan dessine topy eýelese, erkin urgyny bellemeli däldigini aňladýar.

Şoňa meňzeş **13:1b** düzgüne laýyklykda hüjüm edýän topar topy ýitirýänçä ýa-da düzgün bozma sebäpli oýnuny-hüjümini dowam edip bilmese (goranýan toparyň goýberen ýalňyşlygy sebäpli) we bu aýdyň bolýança emin goşulmaly däldir. Eger düzgün bozma şahsy temmi bermeklige mynasyp bolsa, emin oýny saklamak üçin çalt çözgüt çykaryp bilýär (eger garşydaş topar ýalňyş goýbermän, topy ýitirmese). Garşylyklaýyn ýagdaýda temmi bermeklik şol ýagdaý tamamlanýança yza süýşürilmelidir. **13:2** düzgün **4:2, 4:3** ýa-da **4:5, 4:6** düzgün bozulan ýagdaýynda düzgün boýunça sekundometrçiniň goşulyşmagy bilen oýun dessine saklanan ýagdaýynda ulanylmaýar.

**13:3.** Eger top oýundan daşardaky ýagdaýda bolup, **13:1a; 13:1b** düzgüne laýyklykda düzgün bozma temmi bererlikli bolsa, adatça, erkin urgy bellenilýär.

**13:4. 13:1a** we **13:1b** düzgün beýan edilenden başga erkin zyňyş aýry-aýry ýagdaýlarda oýny täzeden başlamak üçin peýdalanylýar, hatda oýun hiç hili düzgün bozma bolmazdan saklanan bolsa (mysal üçin, top oýunda wagty):

a) eger topar oýun saklanan wagty toply bolsa, onda şol topar topa eýeçiligini dowam etdirýär;

b) eger toparlaryň hiç biri toply bolmasa, onda iň soňky gezek topa degen topar ýene-de oňa eýelik etmäge hukuk gazanýar. Düzgüne laýyklykda artykmaçlyk düzgüni **13:4** düzgünde beýan edilen ýagdaýlarda ulanylmaýar.

**13:5.** Eger eminiň jürlewügine çenli topa eýelik eden toparyň garşysyna erkin urgy bellenilse, şol pursat toply oýunçy topy derrew taşlamaly ýa-da pola goýmaly (**16:3ç**).

## Erkin zyňşyň ýerine ýetirilişi

**13:6.** Erkin urgy, adatça, eminiň jürlewügi çalynmasyzdan ýerine ýetirilýär we düzgünininiň bozulan ýerinden ol oýna girizilýär. Munda şu aşakdakylar hasap edilmeýär:

– **13:4a, 13:4b** düzgünde beýan edilen ýagdaýlarda erkin urgy topuň saklanan ýerinden jürlewügiň çalynmagy bilen ýerine ýetiri-

lýär. Eger emin ýa-da tehniki wekil (IGF ýa-da sebit/milli federasiýa) goranýan topary̆ň oýunçysy ýa-da resmi wekili tarapyndan düzgüniň bozulanlygy üçin oýny saklasa we dilden duýduryş ýa-da şahsy temmi berilse, onda erkin urgy oýnuň saklanan wagty topuň duran ýerinden erkin urgy ýerine ýetirilýär, eger bu ýer ýalňyş goýberilen ýerden has amatly bolsa;

– öňki abzasda beýan edilen ýagdaý boýunça sekundometrçi **4:2, 4:3** ýa-da **4:5, 4:6** düzgüne laýyklykda oýunçy çalşyş düzgüni bozulany üçin oýny saklasa, şuňa meňzeşlikler bolup biler;

– **7:1**1 düzgünde görkezilişi ýaly, gowşak oýun üçin bellenen erkin zyňyş oýun saklanan wagty topuň duran ýerinden başlanýar. Ýokardaky abzaslarda beýan edilen esasy ýagdaýlara bagly bolmasyzdan, erkin urgy kähalatlarda zyňşy ýerine ýetiren topary̆ň öz derwezesiniň meýdançasyndan ýa-da garşydaşyň çäklendirilen erkin urgular çyzygynyň zolagynyň çäginden ýerine ýetirilmeýär. Islendik ýagdaýda-da zyňyş bu zolaklaryň çyzygynyň daşyndan, özüne golaýrak ýerden ýerine ýetirilmelidir.

***Teswirleme:***

Eger erkin zyňşy ýerine ýetirmegiň dogry ýeri goranýan topary̆ň erkin zyňyşlar çyzygy bolsa, onda zyňşy ýerine ýetirmeklik takyk şol ýerden amala aşyrylmalydyr. Emma bu ýer goranýan topary̆ň erkin zyňyşlar çyzygyndan näçe daşda ýerleşse, erkin zyňşy ýerine ýetirmek üçin takyk ýere eglişik şonça-da köpdür. Bu mümkinçilik 3 metre çenli ulalyp biler. Bu zyňşy ýerine ýetirýän topary̆ň öz derwezesiniň meýdançasynda ýerleşen ýerinden amala aşyrmaly. Bu eglişik **13:5** düzgün bozulan ýagdaýynda mümkin däldir, sebäbi ol 5:3a usuly hödürnama laýyklykda temmi bermeklik garaşýar. Şeýle ýagdaýlarda zyňyş düzgün bozulan ýerden berjaý edilmeli.

**13:7.** Erkin urgyny ýerine ýetirmäge hukuk alan topary̆ň oýunçylary erkin zyňyş ýerine ýetirilýänçä garşydaşyň erkin zyňyşlar çyzygyny kesmeli ýa oňa degmeli däldir. Şeýle-de **2:5** düzgüne laýyklykda çäklendirmelere seret. Erkin zyňşy ýerine ýetirmäge hukuk alan topary̆ň oýunçylary erkin zyňyşlar çyzygy bilen derweze meýdançasynyň çyzygynyň arasynda ýerleşýärler. Eger bu oýnuň gidişine täsir etse,

onda eminler erkin zyňyş ýerine ýetirilýänçä oýunçylaryň ýerleşişindäki düzgün bozmalary düzetmelidir (**15:3, 15:6**). Şeýle ýagdaýda erkin urgy jürlewükden soň ýerine ýetirilýär (**15:3b**). Şeýle ýagdaý (**15:7**) eger zyňşy ýerine ýetirýän toparyň oýunçylary erkin zyňyş ýerine ýetirilen pursaty gadagan zolaga girseler (zyňşy ýerine ýetirýän oýunçydan top zyňylýança) we eger eminiň erkin urgyny ýerine ýetirmek barada jürlewügi çalynmasa saklanylýar. Eger erkin zyňyş jürlewük boýunça ýerine ýetirilse we hüjüm edýän toparyň oýunçysy erkin zyňşy ýerine ýetirjek oýunçynyň elinden top çykýança erkin zyňyşlar çyzygyna degse ýa-da ondan geçse, onda goranýan topar üçin erkin urgy bellenilýär (**15:7, 13:1a**).

**13:8.** Erkin zyňyş ýerine ýetirilende garşydaş toparyň oýunçylary ony zyňýan oýunçydan 3 metr daşlykda bolmaly. Emma eger erkin zyňyş erkin zyňyşlar çyzygyndan ýerine ýetirilse, olara öz derweze meýdançasynyň çyzygyna golaý ýerleşmäge rugsat edilýär. Erkin zyňyş ýerine ýetirilende oňa päsgel berilse, **15:9** düzgüne we **5:2b** usuly hödürnama laýyklykda temmi berilmelidir.

## 7 METRLIK URGY

### 7 metrlik urgyny ýerine ýetirmeklige çözgüt

**14:1.** 7 metrlik urgy şeýle ýagdaýlarda bellenilýär:

a) oýun meýdançasynyň islendik ýerinde garşydaş toparyň oýunçysy ýa-da resmi wekili taýdan derwezäni aç-açan eýelemek mümkinçiligine päsgel berilse;

b) arassa gol bolaýjak pursatda nädogry çalnan jürlewük hem bellärliklidir;

ç) oýna gatnaşmaýan, mysal üçin, meýdança ylgap çykan tomaşaçy ýa-da oýunçylar jürlewük çalnanlygy sebäpli saklansalar we şol sebäpli derwezäni eýelemek mümkinçiligine päsgel berilse (9:1 teswirlemesi muňa degişli däldir). Edil şuňa meňzeş düzgün “fors mažor” ýagdaýda-da göz öňüne tutulýar, mysal üçin, gol bolaýjak hüjüm pursatynda ýagtylygyň – çyranyň duýdansyz öçürilmegi. Golly hüjüm ýagdaýlary beýan edilen 8-nji usuly hödürnama seret.

**14:2.** Eger hüjüm edýän oýunçy **14:1a** düzgün bozma laýyklykda muňa garamazdan, topa we öz bedenine doly gözegçilik etmegi saklasa, onda 7 metrlik urgyny bellemekligiň zerurlygy ýok, hatda şondan soň oýunçy aç-açan gol bolaýjak mümkinçiligi peýdalanmasa hem. Hatda eger 7 metrlik urgyny bellemek üçin amatly ýagdaý bolsa-da, emin 7 metrlik urgynyň hakykatdan-da esaslanmagyna we hökmanydygyna netije çykarmaga goşulmakdan saklanmalydyr. Eger hüjüm edýän toparyň oýunçysy topy derwezä oklamaga mümkinçilik tapsa (goragçynyň gadagan edilen hereketine garamazdan), onda 7 metrlik urgyny bellemeklige düýbünden zerurlyk ýok. Tersine, eger oýunçy hakykatdan-da topa ýa-da göwresine gözegçiligi ýitirse (şol düzgün bozma sebäpli) we derwezäni eýelemek mümkinçiligi şondan soň bolmasa, onda 7 metrlik urgy bellenilýär.

**14:3.** 7 metrlik urgyny bellände emin taým-aut hödürläp bilýär, ýöne wagtyň biraz uzaga çekdirilmeli ýagdaýlarynda, mysal üçin, urgyny ýerine ýetirjek oýunçynyň ýa derwezebanyň çalşylan pursatynda, şonda taým-aut bermek baradaky çözgüt 2-nji usuly hödürnamada beýan edilen esasa we ölçege laýyklykda bolup biler.

## 7 metrlik urgynyň ýerine ýetirilişi

**14:4.** 7 metrlik urgy emininiň jürlewüginden soň 3 sekundyň dowamynda derwezä urgy görnüşinde ýerine ýetirilýär (**15:7, 13:1a**).

**14:5.** 7 metrlik urgyny ýerine ýetirýän oýunçy 7 metrlik çyzykda durýar, ýöne ondan 1 metr uzaklykda däl (**15:1, 15:6**). Emininiň jürlewüginden soň urgyny ýerine ýetirýän oýunçy elinden top çykýança 7 metrlik çyzygy basmaly däl ýa-da ondan geçmeli däldir (**15:7, 13:1a**).

**14:6.** 7 metrlik urgyny ýerine ýetiren oýunçy ýa-da onuň ýoldaşlary 7 metrlik urgy ýerine ýetirilenden soň, top garşydaşa ýa derwezä degmese, topy oýnamaga hukugy ýokdur (**15:7, 13:1a**).

**14:7.** 7 metrlik urgy ýerine ýetirilende urgyny edýän oýunçynyň ýoldaşlary erkin zyňyşlar çyzygynyň aňyrsynda durmalydyr we top onuň elinden çykýança şeýle ýagdaýda durmalydyrlar (**15:3, 15:6**).

Bu talabyň bozulaýan ýagdaýynda 7 metrlik urgyny ýerine ýetiren toparyň garşysyna erkin zyňyş bellenilýär (**15:7, 13:1a**).

**14:8.** 7 metrlik urgy ýerine ýetirilende garşydaş toparyň oýunçylary erkin zyňyşlar çyzygynyň daşynda bolmaly we 7 metrlik urgy çyzygyndan 3 metr daşlykda durmaly (urgyny ýerine ýetirýäniň elinden top çykýança). Bu talap bozulan ýagdaýynda 7 metrlik urgy gaýtalanýar, eger top derwezä zyňylmadyk bolsa, ýöne şeýle düzgün bozma üçin şahsy temmi berilmeýär.

**14:9.** Eger urgyny ýerine ýetirýän oýunçynyň elinden top çykýança derwezeban çäklendirilen çyzygy kesip geçse, ýagny 4 metrlik çyzygy we top derwezä zyňlan bolsa 7 metrlik urgy gaýtalanýar (**1:7, 5:11**). Emma şeýle düzgün bozma üçin şahsy temmi berilmeýär.

**14:10.** 7 metrlik urgyny ýerine ýetiren oýunçy urgyny ýerine ýetirmäge taýýar bolsa we talap edilýän ornuny eýelese, top hem elinde bolsa, derwezebany çalyşmaklyga rugsat berilmeýär. Şeýle ýagdaýda derwezäni çalyşmak baradaky islendik synanyşyk sporta mahsus häsiýet däl hökmünde temmi bererliklidir (**8:4, 16:1ç** we **16:3ç**).

## ZYŇYŞLARY ÝERINE ÝETIRMEK BOÝUNÇA UMUMY HÖDÜRNAMALAR

**(*Başlangyç zyňyş, gapdal çyzygyň daşyndan zyňyş, derwezebanyň zyňşy, erkin zyňyş we 7 metrlik urgy*)**

### Zyňşy ýerine ýetirýän oýunçy

**15:1.** Zyňşy ýerine ýetirýän oýunçy zyňşy ýerine ýetirmezden öň, onuň üçin gerekli ýagdaýy eýelemeli. Top zyňşy ýerine ýetirýän oýunçynyň elinde bolmaly (**15:6**). Zyňşy ýerine ýetiren pursatynda (derwezebanyň zyňşy muňa degişli däl) ony zyňan oýunçy top onuň elinden çykýança bir aýagynyň dabanyny ýerde saklamaly. Beýleki dabany ýerde-de bolup biler, birnäçe gezek galdyryp-goýup hem biler (**7:6**). Zyňşy ýerine ýetirýän oýunçy ony ýerine ýetirýänçä özüne laýyk orny eýelemeli (**15:7**).

**15:2.** Zyňşy ýerine ýetirýäniň elinden top çykan dessine zyňyş ýerine ýetirilen hasaplanylýar (**12:2**). Zyňşy ýerine ýetiren oýunçynyň

eger top başga bir oýunça ýa derwezä degmese, oňa täzeden degmäge haky ýokdur (**15:7, 15:8**). Şeýle-de **14:6** düzgüne laýyklykdaky çäklendirmä seret. Islendik zyňyşdan soň gol hökman hasap edilmelidir (derwezebanyň zyňşyndan soňky “öz goly” muňa degişli däldir, ýagny top öz hususy derwezesine zyňlaýan ýagdaýynda).

## Zyňşy ýerine ýetirýän oýunçynyň ýoldaşlary

**15:3.** Ýoldaşlary şol zyňyş üçin edilýän talaplara laýyklykda orunlaryny eýelemelidirler (**15:6**). Oýunçylar zyňşy ýerine ýetirýän oýunçynyň elinden top çykýança, talap edilýän ýagdaýy eýelemelidirler (**10:3** beýan edilen ýagdaý muňa degişli däldir). Şeýle-de ýoldaşlarynyň topa degmäge ýa-da ol zyňlan wagty ony almaga hukugy ýokdur (**15:7**).

## Goragyň oýunçylary

**15:4.** Goragyň oýunçylary şol zyňşyň talabyna laýyklykdaky ýagdaýy eýelemelidirler we şol ýagdaýda zyňşy ýerine ýetirýän oýunçynyň elinden top çykýança galmalydyrlar (**15:9**). Şeýle zyňyşlar ýerine ýetirilende goragyň birnäçe oýunçylarynyň edil başlangyç zyňyşdaky, gapdal çyzygyň daşyndaky zyňyş ýa-da erkin zyňyşdaky ýaly, nädogry ýerleşişlerini emin düzetmeli däldir (eger hüjüm edýän oýunçylar zyňşy ýerine ýetirenlerinde artykmaçlyklaryny ýitirmeseler). Eger artykmaçlygy ýitirseler, onda oýunçylaryň nädogry ýerleşişleri düzedilmelidir.

## Oýny dowam etdirmeklige çalnan jürlewük

**15:5.** Eminler oýny dowam etmek üçin jürlewük çalmalydyr:

a) hemişe başlangyç zyňyşda (**10:3**) ýa-da 7 metrlik zyňyşda (**14:4**);

b) gapdal çyzygyň daşyndan zyňyş ýerine ýetirilende, derwezebanyň zyňşynda ýa-da erkin zyňyşda, eger:

– oýun taým-autdan soň dowam etdirilse;

– oýun **13:4** düzgüne laýyklykda erkin zyňyş bilen dowam etdirilse;

– zyňyş ýerine ýetirilende wagt uzaga çekdirilse;
– oýunçylaryň ýerleşişi düzedişlere mätäç bolsa;
– dilden duýduryş berilmeli bolsa.

Şeýle-de eminler dörän ýagdaýa laýyklykda oýny dowam etmek üçin jürlewük çalyp bilýärler.

Eminler oýunçylaryň talap edilýän **15:1, 15:3** we **15:4** laýyklykda ýerleşýänçäler, oýny täzeden başlamaga jürlewük çalmaly däldirler (**13:7** we **15:4** seret). Eger eminler oýunçylaryň nädogry ýerleşendigine garamazdan, oýny dowam etdirmäge jürlewük çalsalar, onda şol oýunçylaryň oýna doly gatnaşmaga hukugy ýokdur. Jürlewükden soň oýunçy 3 sekundyň dowamynda zyňşy ýerine ýetirmäge borçludyr.

## Sanksiýalar

**15:6.** Eger zyňyş ýerine ýetirilýänçä, ony zyňyjy oýunçy ýa-da onuň ýoldaşlary tarapyndan düzgün bozulsa, mysal üçin, oýunçylaryň nädogry ýerleşmeleri ýa-da ýoldaşyna top degse, onda şeýle düzgün bozmany aradan aýyrmalydyr (**13:7**).

**15:7.** Zyňşy ýerine ýetiriji oýunçynyň ýa onuň ýoldaşlarynyň zyňyş edilen pursatyndaky düzgün bozmalarynyň netijeleri (**15:1, 15:2, 15:3**) ilkinji nobatda, oýny başlamak üçin çalnan jürlewüge baglydyr. Oýny başlamaklyk üçin berlen jürlewüge çenli islendik düzgün bozma, eminleriň goşulmagy bilen düzedilýär we şondan soň zyňyş jürlewük esasynda ýerine ýetirilýär. Emma şeýle ýagdaýda **13:2** düzgüniň artykmaçlygyny ýatlamak hökmanydyr. Eger topar zyňşy ýerine ýetirmek bilen zyňyş wagtyndaky düzgün bozmanyň hasabyna artykmaçlygyny ýitirse, onda zyňyş ýerine ýetirilen hasaplanylýar we oýun dowam etdirilýär. Kabul edilişi ýaly, oýny dowam etdirmeklik üçin berlen jürlewükden soňky zyňyş ýerine ýetirilendäki islendik düzgün bozma temmi berilmelidir. Mysal üçin, oýunçy zyňşy böküp ýerine ýetirse, topy 3 sekuntdan köp saklasa ýa-da top onuň elinden çykýança talap edilýän ýagdaý bozulsa. Şeýle-de eger ýoldaşlary eminiň jürlewüginden soň, ýöne zyňşy ýerine ýetirýän oýunçynyň elinden top çykýança

talap edilýän ýerleşişi bozsalar (**10:3** – duýduryş). Şeýle ýagdaýda bu zyňyş güýjüni ýitirýär we düzgün bozulan ýerden garşydaş topar üçin erkin zyňyş bellenilýär (**2:6**). **13:2** düzgüne laýyklykda artykmaçlyk düzgüni şeýle ýagdaýda-da täsir edýär, ýagny eger zyňşy ýerine ýetiren topar eminiň goşulmagyndan öň topy ýitirse, onda oýun emin goşulmasa-da dowam etdirilýär.

**15:8.** Zyňşy ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly islendik düzgün bozma temmi bermelidir. Bu **15:2** düzgüne degişlidir, ýagny oýunçy – zyňşy ýerine ýetiren ýene-de topa degse, top bolsa başga oýunça ýa-da derwezä degmedik bolsa. Bu topy alyp barmak ýa-da top howa zyňlan ýa ýerde goýlan bolsa, ony täzeden almak bolup biler. Şu ähli düzgün bozmalar üçin garşydaşa erkin zyňyş bellenilýär (**13:1a**). Ýöne **15:7** artykmaçlyk düzgüni hasaba alynýar.

**15:9.** Garşydaşa zyňşy ýerine ýetirmäge päsgel berýän goragyň oýunçylary, mysal üçin, nädogry orny eýeleseler ýa-da bilgeşleýin nädogry ýeri eýeleseler, temmi berilmelidir (**14:8, 14:9, 15:4** we **15:5** düzgünlerde beýan edilen ýagdaýlardan başga). Bu zyňşy ýerine ýetirmänkäň, şeýle-de zyňyş ýerine ýetirilen ýagdaýlara degişlidir (zyňşy ýerine ýetirýäniň elinden top çykýança). Şeýle-de bu jürlewük boýunça oýun dowam etdirilen ýagdaýa-da degişlidir. **16:1ç** we **16:3ç** düzgün bilen bilelikde 5:2b usuly hödürnama seret. Goragçynyň goşulmagy sebäpli ýerine ýetirilmedik zyňşy gaýtalamak hökmanydyr.

## TEMMI BERME

### Duýduryş

**16:1.** Duýduryş şeýle ýagdaýlarda berilýär:

a) **8:3** düzgündäki umumy temmi beriş derejesine girmeýän garşydaşa garşy düzgün bozma (**5:5, 8:2**);

b) umumy temmi bermä degişli düzgün bozma (**8:3**);

ç) toparyň oýunçysynyň ýa-da resmi wekiliniň sporta mahsus däl hereketi üçin (**8:4, 5:1, 5:2** usuly hödürnama).

*Teswirleme:*

Oýunçy bir duýduryşdan köp, topar bolsa üç duýduryşdan köp alyp bilmeýär, şondan soň bolmanda 2 minutlyk oýundan çykarylýar. 2 minutlyk oýundan çykarylan oýunçy şondan soň duýduryş alyp bilmeýär. Bir toparyň resmi adamy bir duýduryşdan köp alyp bilmeýär.

**16:2.** Emin günäkär oýunça ýa-da resmi adama duýduryş yglan edýär, şeýle-de sary petegini ýokary galdyrmaklygyň üsti bilen kätip – sekundometrçä bu barada habar berýär.

## Oýundan çykarylmak

**16:3.** Oýundan çykarylmak (2 minutlyk) şeýle ýagdaýlarda bolup biler:

a) haçan-da goşmaça oýunçy oýun meýdançasyna çyksa ýa-da ätiýaçdaky zolakdan oýna goşulyp, oýunçy çalyşmak düzgüni bozulsa (**4:5, 4:6**);

b) umumy düzgün temmi bermä degişli düzgün bozmany gaýtalasa (**8:3, 16:1** teswirleme);

ç) oýunçynyň oýun meýdançasynda ýa-da onuň çäginden daşarda gaýtalan sporta mahsus däl hereketi üçin (**8:4, 16:1** teswirleme);

d) toparyň haýsydyr bir resmi adamsynyň **8:4** we **16:1ç** (**16:1** düzgün, teswirleme) laýyklykda öň duýduryş berlen bolsa we onuň sporta mahsus däl hereketi üçin;

e) dessine 2 minutlyk oýundan çykarmaklyk hökmany bolan sporta mahsus däl hereketi üçin (8:4, 5:3 usuly hödürnama, şeýle-de seret 16:3 düzgün, teswirleme);

ä) oýunçy ýa-da toparyň resmi adamy kowlanda (**16:8, 16:4b**);

f) oýunçy 2 minutlyk oýundan çykarylanda, ýöne oýun başlamanka, sporta mahsus däl hereketi üçin (**16:12a**).

*Teswirleme:*

**16:3 b, ç** we **d** bölümçelerinde görkezilenler, adatça, gaýtalanan düzgün bozma ýa sporta mahsus däl hereket üçin berilýär. Emma eminler kesgitli ýagdaýda derrew 2 minutlyk oýundan çykaryp bilýär,

hatda oýunçy duýduryş, topar bolsa heniz 3 gezek duýduryş almadyk hem bolsa. Şeýle ýagdaý bilen toparyň resmi adamsy-da 2 minutlyk oýundan çykarylyp bilner, hatda resmi adamlaryň hiçisi duýduryş almadyk hem bolsa. Ýöne toparyň ähli resmi adamlary üçin diňe ýekeje 2 minutlyk oýundan çykarma berilýär. Eger toparyň resmi adamy **16:3** düzgüne laýyklykda 2 minutlyk oýundan çykarylan bolsa, onda oňa ätiýaçlyk zolagynda galmaklyga rugsat edilýär we ol öz borjuny ýerine ýetirmegini dowam edýär, ýöne toparyň oýunçylarynyň sany 2 minudyň dowamynda bir oýunçy kemelýär.

**16:4.** Taým-autda emin günäkär oýunçynyň oýundan çykarylýandygyny takyk görkezmeli we laýyk el hereketiniň kömegi bilen, ýagny iki barmagy göneldilen bir elini ýokary galdyryp (14-nji el hereketi), kätip-sekundometrçä habar bermeli.

**16:5.** Oýundan çykarmagyň wagty elmydama oýun wagtynyň 2 minudyna deňdir. Şol bir oýunçynyň 3-nji gezek oýundan çykarylmagy onuň oýundan kowulmagyna alyp barýar (**16:6f**). Oýundan çykarylan oýunçy şol iki minudyň dowamynda oýna gatnaşyp bilmeýär, onuň topary bolsa şol oýunçynyň ýerine oýun meýdançasyna oýunçy çykaryp bilmeýär. Oýundan kowlanyň wagty eminiň oýny başlamak üçin çalan jürlewüginden başlanýar. Iki minutlyk kowlan wagt eger birinji tapgyryň soňunda bolup, ol doly tamamlanmasa, ikinji tapgyra geçirilip bilner. Bu düzgün esasy wagta-da, goşmaça wagta-da degişlidir. Eger iki minutlyk kowlan oýunçynyň wagty goşmaça wagtda-da tamamlanmasa, onda ol soňky ýagdaýlara gatnaşyp bilmeýär. Mysal üçin, **2:2**, teswirlemä laýyklykda 7 metrlik urgulary ýerine ýetirmeklige.

## Oýundan kowulmaklyk

**16:6.** Oýundan kowulmaklyk şeýle halatlarda bolýar:

a) eýýäm duýduryş alan we **8:4, 16:1ç** we **16:3d** laýyklykda iki minutlyk oýundan kowlan toparyň resmi adamlarynyň biriniň sporta mahsus däl hereketi üçin;

b) oýunçynyň ýa-da toparyň resmi adamsynyň oýun meýdançasynda ýa-da onuň çäginden daşardaky gödek ýalňyşy üçin (**8:6**, *6-njy*

*usuly hödürnama seret*) hem-de goşmaça wagtdaky uly ähmiýetli we gaýtalanýan sporta mahsus bolmadyk aýratyn ýagdaýlar üçin, mysal üçin, 7 metrlik urgy ýerine ýetirilende (**2:2** teswirleme we **16:13**);

ç) oýunçynyň saglygyna howp salýan düzgün bozma üçin;

d) oýunçy tarapyndan oýna çenli ýa-da goşmaça ýagdaýlar wagtynda fiziki güýç ulanylanda (**2:2** teswirleme, **8:7, 16:14d**);

e) resmi adam tarapyndan ulanylan fiziki güýç üçin (**8:7**);

ä) şol bir oýunçy üçünji gezek oýundan çykarylanda (**16:5**).

**16:7.** Taým-autda emin kowlan oýunçyny ýa-da resmi adamy takyk görkezmelidir we gyzyl petegi görkezmek bilen (13-nji el hereketi) kätip-sekundometrçini habardar edýär.

**16:8.** Oýunçynyň ýa-da resmi adamyň oýundan kowulmagy elmydama oýun wagtynyň soňuna çenli degişlidir. Oýunçy ýa-da resmi adam dessine oýun meýdançasyndan we ätiýaçlyk zolagyndan çykmalydyr. Şondan soň ne oýunçy, ne-de resmi adam topar bilen hiç hili aragatnaşyk saklamaly däldir. Oýunçynyň ýa-da toparyň resmi adamsynyň oýun meýdançasyndan ýa-da onuň çäginden daşardan oýun wagty çykarylmagy hemişe 2 minutlyk oýundan kowulmak bilen başlanýar. Bu şol toparyň oýun meýdançasyndaky düzüminiň sanyndan bir oýunçy kemelýändigini aňladýar (**16:3f**). Ýöne eger oýunçy **16:12b, 16:12d** düzgüne laýyklykda kowlan bolsa, onda oýun meýdançasyndaky kowlan oýunçylar 4 minutlap şeýle bolmalydyr. Kowulmadan soň oýunçylaryň ýa-da topardaky resmi adamlaryň sany azalýar (**16:14** düzgünde beýan edilenden başga). Emma topara 2 minut tamamlanandan soň ýene-de oýunçylaryň sanyny köpeltmäge rugsat berilýär. Kowulmaklyk diňe şol oýnuň soňuna çenli degişlidir. Ol eminleriň şol hadysany döredendigi esasynda çykaran çözgüdi hökmünde seredilýär. Düzgün boýunça kowulmaklyk indiki oýunlara degişli däldir, fiziki güýç üçin (**16:6d, 16:6e**) ýa-da oýunçynyň ýa toparyň resmi adamynyň gödek, sporta mahsus däl hereketi (**16:6ç**) muňa degişli däldir. Bu düzgün bozmalar 6-njy usuly hödürnamanyň a), d) ýa-da g) bölümçelerinde seredilýär. Şeýle kowulmalar üçin duşuşygyň ýazgy beýanynda bellenilýär (**17:10**).

## Çykarylmak

**16:9.** Çykarylmak şeýle ýagdaýlarda bolýar:

Haçan-da oýunçy oýun wagtynda oýun meýdançasynda ýa-da onuň daşynda (**16:13** we **2:6**) güýjüni gödek ulansa.

**16:10.** Taým-autda emin günäkär oýunçynyň çykarylýandygyny anyk görkezmelidir we tassyklanan el hereketi boýunça, ýagny atanak edilen ellerini kellesiniň üstüne galdyryp (15-nji el hereketi), kätip-sekundometrçä habar bermeli.

**16:11.** Çykarylmak elmydama-da oýun wagty tamamlanýança degişlidir we topar oýun meýdançasynda bir oýunçyny kem oýnadyp, oýnuny dowam etdirmelidir. Eger oýunçy çykarylandan soň 2 minut jerimede otursa (ýa-da edil şol wagt jerimä iberilse) ýa-da **16:12** düzgüne laýyklykda çykarylmaga mynasyp bolsa, onda şeýle çykarylmanyň wagty hut çykarylma wagtyna goşulýar. Bu galan oýun wagtynyň çykarylma wagtyna goşulýandygyny aňladýar. Çykarylan oýunçy çalşyrylyp bilinmeýär we dessine oýun meýdançasyndan, şeýle-de ätiýaçlyk zolagyndan çykmaga borçludyr. Şondan soň oňa topar bilen islendik gatnaşyk saklamak gadagan edilýär. Çykarylmany eminler gerekli ýolbaşçylar üçin oýnuň ýazgy beýanyna bellemelidirler (**17:10**).

## Şol bir ýagdaýda birden köp düzgüni bozmak

**16:12.** Eger oýunçy ýa-da toparyň resmi adamy oýun başlamanka şol bir wagtyň özünde ýa-da yzygiderlilikde bir gezekden köp düzgün bozsa, bu düzgün bozma üçin dürli derejede temmi berilmelidir we olaryň arasyndan juda berk çäre görülmelidir. Eger düzgün bozmanyň biri fiziki güýç ulanmak bolsa, ol elmydama aýratyn hasaba alynmalydyr. Emma oýun meýdançasyndaky toparyň düzümi 4 minudyň dowamynda kemeldilmeli bolsa, onda şu aşakdakylar hasaba alynmaýar:

a) eger 2 minut oýundan çykarylmaly oýunçy oýun başlamanka sporta mahsus bolmadyk hereket etse, onda oňa goşmaça 2 minutlyk

oýundan çykarylma berilýär (**16:3g**). Eger goşmaça oýundan çykarylma üçünji bolsa, onda ol oýunçy kowulýar.

b) eger oýunçy şol wagt kowlan bolsa (göni kowulmak ýa-da üçünji çykarylmadan soň), oýun başlaýança sporta mahsus däl hereket etse, onda topara goşmaça temmi berilýär we meýdançadaky toparyň düzümi 4 minudyň dowamynda kemeldilmeli (**16:8**).

ç) eger 2 minutlyk çykarylan oýunçy oýun başlamanka sporta mahsus däl hereket edip, gödek düzgüni bozsa, onda ol oýunçy kowulýar (**16:6ç**), bu temmileriň hemmesi meýdançadaky toparyň oýunçylarynyň sanynyň 4 minudyň dowamynda kemeldilmegine alyp barýar (**16:8**).

d) eger oýunçy şol wagt kowlan bolsa (göni kowulma ýa-da üçünji çykarylmadan soň), oýun başlaýança sporta mahsus däl gödek hereket etse, onda topara goşmaça temmi berilýär we meýdançadaky toparyň oýunçylarynyň düzümi 4 minudyň dowamynda kemeldilmeli (**16:8**).

**16:13. 16:1, 16:3** we **16:9** düzgünlerde beýan edilen ýagdaýlar, esasan, oýun wagtynyň tapgyryndaky düzgün bozma degişlidir. "*Oýun wagty*" düzgüne laýyklykda goşmaça wagt, taým-autlar, tapgyrlaryň arasyndaky ähli arakesmeler, wagtyň saklanmalary we **16:6** ýagdaýdaky ähli goşmaça wagtlar (7 metrlik urgular) oýun wagtyna girýär. Şeýle goşmaça wagtlarda eminler temmi bermekligi manysyz hasaplaýarlar we islendik gödek ýa-da gaýtalanýan sporta mahsus bolmadyk hereket kowulmaklyga degişlidir hem-de ol oýna gatnaşmaklyk hukugyndan kesilýär (**2:2** teswirleme).

## Oýundan öň ýa-da soň düzgüni bozmak

**16:14.** Sporta mahsus däl hereket, gödek, sporta mahsus bolmadyk hereket ýa-da oýunça we toparyň resmi adamsyna fiziki güýç ulanmak – oýnuň gidýän desgasynda, ýöne oýun wagty däl - şeýle ýagdaýlarda çäre görülýär.

*Oýundan öň:*

a) sporta mahsus däl hereket üçin duýduryş (**16:1ç**);

b) günäkär oýunçynyň ýa-da resmi adamy gaýtalanýan sporta mahsus däl hereketi ýa gödek, sporta gelişmeýän tertibi ýa fiziki güýç ulanmagy bilen kowulmagy netijesinde topar oýnuny 14 oýunçyly düzümde başlaýar we 4 sany resmi adamsy bolýar. **16:8** düzgünde diňe oýun wagty bolan düzgün bozma beýan edilýär; şoňa laýyklykda kowulmaklyk 2 minutlyk oýundan çykarmak bilen iberilmeýär. Mundan öňki şeýle düzgün bozma oýun wagty hem bolup biler, ýöne günäkäriň düzgün bozan pursatyndan başlap oýna gatnaşmagyna mümkinçilik berilmeýär.

*Oýundan soň:*

ç) ýazmaça mälimnama.

## EMINLER

**17:1.** Her oýny iki sany deňhukukly emin başlaýar. Olara sekundometrçi we kätip kömek berýärler.

**17:2.** Eminler oýunçylaryň we resmi adamlaryň ýaryş geçýän ýere geleninden tä gidýänçä olaryň tertibine gözegçiligi amala aşyrýarlar.

**17:3.** Duşuşyk başlamazyndan öň eminler oýun meýdançasynyň, derwezäniň we toplaryň ýagdaýynyň gözegçiligine jogapkärçilik çekýärler; haýsy topuň oýnalmalydygyny çözýärler (**1** we **3:1**). Eminler şeýle-de iki toparyň eşiklerini tassyklaýarlar. Olar duşuşygyň ýazgy beýanyny we oýunçylaryň egin-eşigini barlaýarlar. Olar şeýle-de kabul edilen çäklendirmelere laýyklykda oýunçylaryň we resmi adamlaryň mukdaryny (ätiýaçlyk zolagynda) barlaýarlar. Ähli düzgün bozmalar aradan aýrylmalydyr (**4:1, 4:2** we **4:7, 4:8, 4:9**).

**17:4.** Bije atmany (**10:1**) eminleriň biri beýleki eminiň gatnaşmagynda geçirýär we oňa her toparyň resmi wekili, resmi adamsy ýa-da oýunçysy gatnaşýarlar.

**17:5.** Galapyn tutuş oýun şol bir eminler tarapyndan geçirilýär. Olar oýnuň düzgünine gözegçilik etmäge borçludyrlar we ony bozanlara temmi bermelidirler (**13:2** we **14:2**). Eger eminleriň biri oýny tamamlap bilmese, ikinji eminiň ýeke özi oýny dowam etdirýär (Hal-

kara Gandbol Federasiýasynyň we sebitara ýaryşlary üçin şeýle ýagdaýlar laýyk dessuryň çäginde çözülýär).

**17:6.** Eger eminleriň toparyň düzgün bozmasy üçin çykaran çözgüdi gabat gelse, ýöne temmi bermeklik berk çärä laýyk gelse, onda elmydama has berk temmi berilýär.

**17:7.** Eger eminler düzgün bozmany hasaba alsalar ýa-da top oýun meýdançasyndan çyksa we eminleriň ikisi-de birmeňzeş däl çözgüt kabul etse (haýsy topara top bermelidigi bilen baglanyşykly), onda olar biri-biri bilen maslahatlaşyp, bilelikde çözgüt kabul edýärler. Eger olar ylalaşyk gazanyp bilmeseler, onda meýdançadaky emin çözgüt çykarýar. Şeýle ýagdaýda taým-aut hökmany hasaplanylýar. Biri-biri bilen maslahatlaşandan soň, eminler berk çözgüt kabul edýärler we oýun jürlewügiň çalynmagy bilen dowam etdirilýär (**2:8d, 15:5**).

**17:8.** Eminleriň ikisi-de gollaryň hasabynyň ýöredilişine jogapkärçilik çekýärler. Mundan başga-da olar duýduryşlary, kowulmalary, çykarylmalary bellige alýarlar.

**17:9.** Eminleriň ikisi-de oýun wagtynyň gözegçiligine jogap berýärler. Wagtyň hasabynyň dogrulygyna nägilelik ýüze çyksa, eminler bilelikde çözgüt kabul edýärler (**2:3**).

**17:10.** Eminler oýundan soň duşuşygyň ýazgy beýanynyň dogry doldurylmagyna jogapkärçilik çekýärler. Çykarylmak we kowulmak **16:8** düzgüne laýyklykda duşuşygyň ýazgy beýanynda bellige alynmalydyr.

**17:11.** Eminleriň oýnuň gidişi ýa-da ýagdaýyň bahalandyrylyşy esasynda kabul eden çözgüdi gutarnykly hasaplanylýar. Nägilelik, närazylyk diňe düzgüne garşy bolan çözgüt ýagdaýynda berilýär. Oýun wagty diňe toparyň resmi wekiline eminlere ýüz tutmaga hukuk berilýär.

**17:12.** Eminlere oýny wagtlaýyn kesmäge ýa-da oýny tamamlamaga hukuk berilýär. Oýnuň kesilmegine çözgüt kabul etmezden öňürti oýny dowam etmek üçin ähli mümkinçilikleri peýdalanmak hökmandyr.

**17:13.** Eminleriň eşiginiň gara reňki esasy hasaplanylýar.

## SEKUNDOMETRÇI, KÄTIP, TABLONYŇ OPERATORY WE DIKTOR

**18:1**. Sekundometrçi oýun wagtyna, taým-auta we kowulmak wagtyna esasy jogapkärçilik çekýär. Kätip toparyň düzümine, duşuşygyň ýazgy beýanyna oýun başlandan soň oýunçylaryň çykyşyna we gatnaşmaga hukuk berilmeýän oýunçylaryň çykmagyna esasy jogapkärçilik çekýär. Beýleki wezipeler – oýunçylaryň mukdaryna we resmi adamlara gözegçilik etmek, şeýle-de çalşyrylýan oýunçylaryň çykmagy we girmegi bilelikde ýerine ýetirilýär. Esasan, diňe sekundometrçä (eger Halkara Federasiýadan tehniki wekil bellenen bolsa) gerekli we hökmandyr hasap etse, oýnuň arasyny üzmäge hukuk berilýär (şeýle-de ýokarda beýan edilen 9-njy usuly hödürnamada sekundometrçiniň, kätibiň öz wezipesini ýerine ýetirmäge goşulyşyna seret).

**18:2.** Wagt görkezýän tablonyň ýok ýagdaýynda sekundometrçi resmi wekilini (her toparyň) oýnalan wagtyny ýa-da näçe wagt galanyny, aýratyn-da taým-autda habardar etmelidirler. Awtomatiki signally tablo görkezijiniň ýok ýagdaýynda sekundometrçi tapgyryň tamamlanandygy barada we oýnuň tamamlanandygy barada signal bermelidir (**2:3**). Eger görkeziji tabloda oýundan çykarylmanyň wagtyny görkeziji hasap ýok bolsa (iň bolmanda HGF-niň oýunlarynda her topara üç sanysy), sekundometrçi stolda oýundan çykarylma hasaplaryny ulanmalydyr, onda oýunçynyň bellik sanyna çenli görkezilýär.

**18:3.** Tablonyň operatory habarlaryň öz wagtynda şöhlelenmegine jogap berýär (görkeziji tabloda) duşuşykdan öň we onuň gidýän pursaty.

**18:4.** Diktor tomaşaçylara toparlar, oýnuň hasaby, çykarylan oýunçylar, şeýle-de duşuşygyň gutarnykly hasaby barada öz wagtynda habarlary ýetirmäge jogapkärçilik çekýär.

## HALKARA GANDBOL FEDERASIÝASYNYŇ ŞERTLI EL HEREKETLERI (ŽESTLERI)

Erkin zyňyş ýa-da gapdal çyzykdan zyňyş bellenende emin el hereketi bilen zyňşyň ugruny dessine görkezmeli (7-nji we 9-njy şertli el hereketleri). Laýyk el hereketi hökmany görkezilenden soň, şahsy temmi bellenilýär (13-15-nji el hereketleri). Eger erkin zyňyş ýa-da 7 metrlik zyňşyň sebäbi düşündirmekligi talap edýän bolsa, oňa 1-6-njy we 11-nji şertli el hereketleriniň biri ulanylýar (emma 1-nji el hereketi elmydama gowşak oýun pursaty erkin zyňmaga çözgüt çykarylsa, oňa-da 18-nji el hereketi ulanylmasa berilýär). 12-nji, 16-njy we 17-nji el hereketleri laýyk ýagdaýlarda hökmany hasap edilýär. 8, 10 we 18-nji el hereketleri haçan-da emin hökmany hasaplanylanda ulanylýar.

**Şertli hereketler** (žestler):

1. Derweze meýdançasyny basmak.
2. Topy alyp barmakdaky ýalňyşlyk.
3. Artykmaç ylgamak ýa-da topy 3 sekunddan köp saklamaklyk.
4. Tutuş saklamak ýa-da itiş.
5. Urgy.
6. Hüjümçiniň ýalňyşy.
7. Gapdal çyzygyň daşyndan zyňyş – urgy.
8. Derwezebanyň zyňşy.
9. Erkin zyňyş – urgy.
10. 3 metrlik aralygy saklamak.
11. Gowşak oýun.
12. Gol.
13. Duýduryş (sary petek), kowulmak (gyzyl petek).
14. Çykarylmak (2 minutlyk).
15. Kowulmak.
16. Taým-aut.
17. Taým-aut wagty meýdança rugsat edilen iki oýunça hukuk berýän rugsat.
18. Gowşak oýny duýdurýan şertli el hereketi.

# OÝNUŇ DÜZGÜNLERI BOÝUNÇA USULY HÖDÜRNAMALAR

## 1-nji USULY HÖDÜRNAMA
## Final signalyndan soň erkin zyňşyň ýerine ýetirilişi (2:4, 2:6)

Köp babatlarda final signalyndan soň erkin zyňşyň ýerine ýetirilmegi toparlar üçin gyzyklanma döretmeýär, aýratyn-da derwezä urgyny ýerine ýetirýäne oýnuň netijesi belli bolsa ýa-da ýerine ýetiriljek urgynyň ýeri derwezeden has uzak bolsa. Düzgüniň talap edişine görä, şeýle ýagdaýda-da erkin urgynyň ýerine ýetirilýändigine garamazdan we eminleriň ýerine ýetirmäge şert döretmelidigine garamazdan, zyňyş üçin dogry orny eýelän oýunçy topy ýöne zyňyp biler ýa-da ony eminiň eline gowşurýar. Haçan-da toparyň derwezä topy zyňjakdygy aýdyň bolan ýagdaýlarynda (hatda zyňşy ýerine ýetirmäge uly bolmadyk mümkinçilik döräýse-de), oýnuň wagtynyň çekilmezligi we oýnuň gyzyklylygynyň gaçmazlygy üçin eminler ähli şertleri döretmelidirler. Bu eminleriň zynşy haýal etmän ýerine ýetirmekde iki toparyň hem oýunçylarynyň çalt we ýalňyşsyz başlangyç orunlaryny eýelemegine şert döretmelidigini aňladýar. **2:5** düzgünde beýan edilen täze çäklendirme oýun çalşygyny we olaryň laýyk oýunçy çalşygyny tertipleşdirýär (**4:5** we **13:7**).

Şeýle-de eminler iki topar tarapyndan hem edilýän düzgün bozmalary juda berk yzarlamalydyr. Goranýan toparyň oýunçylarynyň düzgün bozmalary **15:4, 15:9, 16:1ç, 16:3ç** laýyklykda temmi berilýär. Mundan başga-da hüjüm edýän toparyň oýunçylary zyňyş ýerine ýetirilende ýygy-ýygydan düzgüni bozýarlar, mysal üçin, bir ýa-da birnäçe oýunçy eminiň jürlewüginden soň, erkin zyňyş çyzygyndan geçýärler, ýöne zyňyşdan öň (**13:7**) ýa-da zyňşy ýerine ýetiren oýunçy hereketlenip başlaýar ýa-da zyňşy bökmän ýerine ýetirýär (**15:1, 15:3**). Derwezäni ýalňyş eýelemeklige ýol bermeli däl.

## 2-nji USULY HÖDÜRNAMA
## Taým-aut (2:8)

**2:8** düzgünde beýan edilen ýagdaýa garamazdan, haçan-da taým-aut hökmany bolanda eminlere beýleki ýagdaýlarda-da taým-aut çözgüt çykarmak mümkinçiligi berilýär. Taým-autyň hökmany däl, emma şu aşakdaky ýagdaýda berip bolýar diýen äheň ähmiýetli ýagdaýa eýedir:

– daşky sebäpleriň köplügi, mysal üçin, meýdançany süpürmekligiň hökmanylygy;

– oýunçy şikes alandyr diýip pikir edilse;

– topar aç-açan wagty çekse, mysal üçin, standart zyňyş ýerine ýetirilende ýa-da oýunçy bilgeşleýin zyňsa ýa-da ony saklasa;

– eger top jaýyň depesine ýa-da meýdançanyň daşyndaky zada degse (**11:1**), şondan soň gapdal çyzygyň daşyndan zyňşyň ýerine ýetirilen ýerinden uzaga gitse, şeýdip oýnuň wagty çekilse.

Şu we beýleki ýagdaýlarda taým-aut çözgüt kabul edilen bolsa, eminler oýnuň taým-autsyz saklanmagynyň toparlaryň haýsydyr biriniň artykmaçlygynyň ýitirilmegine getirjekdigini hasaba almalydyr. Mysal üçin, eger topar uly hasap bilen utýan bolsa, onda meýdançany süpürmek üçin taým-autyň hökmanylygy ýok. Başga söz bilen aýdanyňda, eger topar garşydaşy üçin taým-autda artykmaçlygyny ýitirse, onda beýle ýagdaýda taým-aut almagyň zerurlygy ýok.

Beýleki bir wajyp zat arakesmäniň uzaga çekdirilmegidir. Şikes netijesinde oýnuň saklanmagynyň dowamlylygyny bahalandyrmak kyn, şonuň üçin şeýle ýagdaýda taým-aut bermeli. Eger top oýun meýdançasynyň daşyna giden bolsa, tersine, eminler taým-auta çözgüt çykarmaga howlukmaly däl. Şeýle ýagdaýlarda ýygy-ýygydan top meýdança gaýtarylyp berilýär we oýun saklanmasyzdan dowam etdirilýär. Eger top gaýdyp gelmese, onda eminler taým-autdan gaçmak üçin örän tiz wagtda ätiýaçdaky topy ulanmalydyr (**3:4**).

7 metrlik urgy bellenende taým-aut bermegiň elmydama zerurlygy ýokdur. Şeýle ýagdaýda taým-aut bermek baradaky çözgüt ýokarda seredilen esaslara laýyklykda kabul edilýär. Bu haçan-da toparlaryň biri aç-açan wagty çeken ýagdaýy bolup biler, mysal üçin, derwezebany ýa-da zyňşy ýerine ýetiren oýunçyny çalşyran pursatynda.

## 3-nji USULY HÖDÜRNAMA
## Toparlaýyn taým-aut (2:10)

Her topary̆n esasy oýun wagtyny̆n her ýarymynda bir gezek 1 minutlyk toparlaýyn taým-aut almaga hukugy bar (ýöne goşmaça wagtda däl).

Eger topar taým-aut almakçy bolsa, onda topary̆n resmi adamy sekundometrçinĭn öňündäki stolda ýaşyl petek goýmalydyr (ýaşyl petegiň ölçegi 15x20sm we iki tarapynda ullakan “T” harpy şekillendirilen bolmaly).

Topar öz taým-autyny diňe özi topa eýe wagty haýyş edip bilýär, haçan-da top oýunda bolanda (ýa-da oýnuň saklanmagynyň wagty). Eger topar sekundometrçiniň signal beren pursatyna çenli topa gözegçiligini ýitirmedik bolsa, onda oňa dessine toparlaýyn taým-aut berilýär (garşylyklaýyn ýagdaýda ýaşyl petek topara gaýtarylýar).

Sekundometrçiniň jürlewügi boýunça oýun saklanylýar we sagat togtadylýar (**2:9**). Ol taým-autda el hereketini ulanýar (16-njy el hereketi) we toparlaýyn taým-aut alan topary elini uzadyp görkezýär.

Eger gerek bolsa zaldaky goh we tertipsizlik sebäpli sekundometrçi bu hereketi dik durup ýerine ýetirýär. Ýaşyl petek stoluň toparlaýyn taým-aut soran topary̆n tarapynda ýerleşdirilýär we taým-aut tamamlanýança şeýle ýagdaýda galýar.

Emin toparlaýyn taým-auty tassyklandan soň, sekundometrçi başga sagady işledýär, ol toparlaýyn taým-autyň dowamlylygyna gözegçilik edýär. Kätip taraplaýyn taým-autyň wagtynyň dowamlylygyny ony soran topary̆n tarapyna ýazgy beýanyna bellik edýär.

Toparlaýyn taým-aut wagty topary̆n oýunçylary we resmi adamsy oýun meýdançasynyň garşysyndaky öz ätiýaçlyk zolagynda ýerleşýärler. Eminler meýdançanyň ortasynda bolýarlar, şonda olaryň bary maslahat üçin sekundometrçiniň ýanyna gysga wagtlyk baryp bilýär. Toparlaýyn taým-aut wagtyndaky düzgün bozma edil oýun wagtyndaky ýaly temmi berilmelidir. Şeýle ýagdaýda **8:4** we **16:3e** düzgünlere laýyklykda bu düzgün bozmanyň oýun meýdançasyndaky ýa-da ondan daşarda, tapawudy ýok, oýundan çykarylma sporta mahsus däl hereket görnüşinde bolup biler.

50 sekuntdan sekundometrçi ýene-de 10 sekuntdan oýnuň başlaýandygy barada habar berýän sesli signaly berýär.

Toparlar toparlaýyn taým-aut tamamlanan dessine oýny dowam etmäge taýyn bolmalydyrlar. Oýun taým-aut berlende ýa-da eger top oýunda bolan ýerinden ýagdaýlara laýyklykda zyňyş arkaly dowam etdirilýär (toparlaýyn taým-aut üçin wagt soralanda topuň galan ýerinden). Eminleriň jürlewügi esasynda sekundometrçi sagady işledýär.

## 4-nji USULY HÖDÜRNAMA
## Gowşak oýun (7:11, 7:12)

**Esasy düzgünnama**

Gowşak oýnuň düzgünnamasy oýnuň işjeň däl usullary we oýny bilgeşleýin saklamak ýaly zatlar bilen göreşmäge ýardam berýär. Bu talap eminlere oýnuň tutuş dowamynda gowşak oýun usullaryny aýdyňlaşdyrmaga we olara garşy göreşmäge mümkinçilik berýär.

Oýnuň gowşak usullary toparyň hüjüminiň ähli ugurlarynda öz täsirini ýetirýär, ýagny onuň başlangyç tapgyrynda, onuň taýýarlyk pursatynda we hüjümiň jemleýji tapgyrynda.

Gowşak oýun şu aşakdaky ýagdaýlarda has ýygy-ýygydan ulanylýar:

– topar oýun ahyrynda hasaby saklajak bolýar;

– toparyň 2 minutlyk oýundan çykarylan oýunçysy bolsa;

– haçan-da garşydaşyň goranyşy hüjüm hereketinden ýokary bolsa.

**Duýduryş el hereketiniň (yşaratynyň) ulanylyşy**

Duýduryş el hereketi şu aşakdaky ýagdaýlarda ulanylmalydyr:

1. Eger oýunçylaryň çalşygy haýal alnyp barylsa ýa-da eger top oýun meýdançasyna haýal geçirilse.

Şu aşakdakylar şeýle ýagdaýlardyr:

– oýunçylar oýunçy çalşygynyň tamamlanmagyna garaşyp, oýun meýdançasynyň ortasynda garaşyp dursalar;

– oýunçy erkin zyňşy (top bilen oýnap ýa-da zyňyş üçin nädogry ýer saýlap alsa), başlangyç zyňşy (derwezebanyň topy haýal geçirme-

gi, topuň gowşak geçirilişi – orta ýa-da toply oýunçynyň merkezde haýal ýerleşişi), derwezebanyň zyňşy ýa-da gapdal çyzykdan daşardan zyňyşda – eýýäm topar oýny çekýänligi üçin synanyşyna duýduryş alan bolsa;

– oýunçy duran ýerinde topy ýere urup dursa;

– top yzyna – oýun meýdançadaky öz ýarymyna gaýtarylsa; hat-da eger garşydaşlar muny etmäge mejbur etmeseler-de.

2. Haçan-da hüjümiň görnüşi başlananda oýunçylar yza galyp çalşyrylanda.

Oňa şeýle ýagdaýlar girýär:

– ähli oýunçylar eýýäm hüjümdäki orunlaryny eýelände;

– topar eýýäm topuň geçirilmegi bilen hüjümiň başlangyç görnüşine geçip başlasa;

– topar oýunçy çalyşýança, hüjüme başlamaga howlukmasa.

***Teswirleme:***

Oýun meýdançasynyň öz ýarymyndan çalt garşylyklaýyn synanyşsa, ýöne hüjümini garşydaşyň derwezesini almak bilen tamamlamasa, topara hüjümi dowam etdirmek üçin çalt oýunçy çalyşmaga mümkinçilik berilýär.

3. Hüjüme taýýarlyk pursatynyň uzaga çekilmegi.

Galapyn, topara deslapky hüjümi guramaga elmydama mümkinçilik berilmeli – hüjüm üçin ýagdaýy döretmäge esas bolanda. Ýagdaýy uzaklaşdyrmaga häsiýetli alamatlaryň deslapky hüjümleri şeýle gurulýar:

– toparyň hüjüminde hiç hili hüjüm alamatlarynyň bolmazlygy.

***Teswirleme:***

Umuman, toparyň hüjüm ediji hereketi giňişlikde goragçylardan artykmaçlyk gazanmak ýa-da taýýarlyk depgini bilen deňeşdirilende hüjümiň tizligini artdyrmak üçin taktiki usullary ulanmaklygy bolup durýar:

– ençeme gezek köp top alýan topar durnukly ýagdaýda galýar ýa-da derwezäniň ters tarapyna tarap hereket edýär;

– top bilen duran ýeriňde oýun;

– haçan-da hüjüm edýän oýunçy goragçy bilen gatnaşykda bolan ýagdaýynda wagtyndan öň ondan öwrülýär, haçan-da emin oýny saklanda ýa-da giňişlikde goragçydan artykmaçlyk gazanmaga ymtylyş alanda;

– goragyň işjeň ýagdaýlary: işjeň goragyň usullary hüjüm hereketlerinden öňe geçse, ýagny goragçy topy bermeklige böwet goýsa we oýunçylaryň ýerleşişi;

– hüjüm edýän topar hüjümiň taýýarlanyş tapgyryndan onuň jemleýji tapgyryna çenli pursatda aç-açan artykmaçlyk gazanmasa.

4. Duýduryş el hereketinden soňky hereket.

Duýduryş el hereketini ulanandan soň eminler hüjüm hereketini guramaga rugsat bermelidir (şeýle-de eminler ýetginjekler topary we has pes derejedäki toparlar üçin bu wagtyň köpräk bolmalydygyny ýatlamak maslahat berilýär). Eger-de şeýle mümkinçilikden soň toparyň hüjüm hereketlerinden üýtgeşmeler göze ilmese, onda eminler topy eýelän toparyň gowşak oýunda günäkärdigi barada çözgüt çykarýarlar.

***Teswirleme:***

Şeýle ýagdaýda eminler topardan topy alan pursaty kesgitlemek üçin seresaplylyk görkezmelidirler, onuň derwezä zyňlyş pursatynda ýa-da garşydaşyň zyňmak üçin derwezä çykan pursatynda bolmaly däldigini unutmaly däl.

## Duýduryş el hereketiniň ulanylyş usulyýeti

Eger emin (meýdançadaky emin ýa-da derweze çyzygyndaky emin) gowşak oýny kesgitlese, ol elini galdyrýar (18-nji el hereketi). Beýleki emin hem duýduryş el hereketini ulanmalydyr. Eminler hatda ätiýaçdaky oturgyçdakylara-da görner ýaly el hereketini juda aýdyň görkezmelidir. Şeýlelikde, topy eýelän topary onuň derwezäni eýelemäge synanyşmaýandygy ýa-da oýny dowam etmegiň wagtyny uzaga çekýändigi barada duýdurýar. 1-nji el hereketi – hüjüm gutarýança; 2-nji el hereketi – duýduryş el hereketi soňra ulanylmaz bolýança ulanylýar.

Eger şonda topy eýelän topar derwezä top zyňmak üçin hiç hili göze görünýän hereket etmese, onda eminleriň biri gowşak oýun üçin erkin zyňyş belleýär.

Haçan-da topar topy eýelän pursatyndan başlaýan hüjüm derwezäni eýelän pursatyndan ýa-da topy ýitiren pursatyndan tamamlanylan hasaplanylýar.

Duýduryş el hereketi, adatça, hüjüm gutarýança ulanylýar. Emma hüjüm wagtynda haçan-da duýduryş el hereketini ulanmaklyk güýjüni ýitirse we dessine onuň hereketini kesmeli bolsa iki sany ýagdaý ähmiýetlidir:

1. Topy eýelän topar derwezä zyňşy ýerine ýetirýär we top derwezeden ýa-da derwezebandan ýene-de oňa gaýdyp gelýär (gös-göni ýa-da gapdal çyzykdan zyňşy ýerine ýetirmek üçin).

2. Oýunçy ýa-da goranýan toparyň resmi adamy düzgüni bozany üçin ýa-da 16-njy düzgüne laýyklykda sporta mahsus däl hereket etse, mynasyp temmi alýarlar.

Şu iki ýagdaýda-da topy eýelän topar täzeden hüjümi guramaga hukuk alýar.

## 5-nji USULY HÖDÜRNAMA
## Sporta mahsus däl hereket (8:4, 16:1ç, 16:1e)

16-njy düzgüne laýyklykda sporta mahsus bolmadyk hereket üçin temmi üç derejä bölünýär. Olar aşakda görkezilýär:

**5:1.** Eger düzgün bozma gaýtalansa, mynasyp temmi (**16:1ç**).

**5:2.** Dessine birinji gezekden soň mynasyp temmi (**16:1ç**).

**5:3.** Birnäçe ýagdaýlarda hemişe 2 minutlyk çykarylmaklyk ulanylýar (**16:3e**).

Aşakdaky ýagdaýlarda şu üç dereje ulanylýar:

**5:1.** Haçan-da goragçy derweze meýdançasyny edil esasy gorag ýeri hökmünde ulansa (ýagny goragçy derweze meýdançasyny derwezäni eýelemegiň açyk mümkinçiligi üçin ulanýan ýagdaýy däldir).

**5:2.** a) garşydaşy ýazgarsa, göwnüne degse, oňa paýyş sögse ýa-da gödek hereket etse. Mysal üçin, 7 metrlik zyňşy ýerine ýetirýän wagtynda garşydaşyň golaýynda goh-galmagal etse;

b) standart zyňyşlary ýerine ýetirilende päsgelçilik döretse, adatça, 3 metrlik düzgüni saklamasa ýa-da mysal üçin, derwezeban garşydaşa topy bermese – 7 metrlik zyňşy ýerine ýetirjek wagty (**14:8, 14:9, 15:4 we 15:5**);

ç) aldaw hereketini ulansa ("teatr"), garşydaşyň hereketini bahalandyrmakda emine kynçylyk döretse (mysal üçin, düzgün bozmanyň görnüşinde);

d) haçan-da zyňşyň ýa-da topy geçirme dabanlaryň ýa-da aýaklaryň aşaky bölekleri bilen böwetlenilse (**7:8**).

**5:3.** a) eger çözgüt topy eýelän topar üçin ähmiýetli bolsa, oýunçy bolsa dessine topy elinden goýbermese ýa-da ony ýere goýmasa; edil şoňa meňzeş ýagdaý – eger top ýerde bolsa we oýunçy gapdala zyňsa;

b) haçan-da ätiýaçdaky oýunçylar ýa-da resmi adamlar ätiýaçlyk oturgyjyndan oýna goşulsalar; mysal üçin, gapdal çyzykdan oýun meýdançasyndaky ýagdaýa goşulsa ýa-da ätiýaçlyk zolagynda topy saklasa.

## 6-njy USULY HÖDÜRNAMA
## Gödek, sporta mahsus bolmadyk hereket (8:6, 16:6ç)

**16:6ç** düzgüne laýyklykda gös-göni kowulmak temmisi berilýän düzgün bozmalaryň mysallary. Şulara meňzeş beýleki hereketler hem eminler tarapyndan şu ölçegli netijeler boýunça bellenip bilner:

a) göwnedegiji hereketler (söz bilen, mimikaly, hereketli alamat ýa-da güýç bilen) beýleki adamlara gönükdirilen (emin-kätibe, sekondomerçä, wekile, resmi adama, oýunça, tomaşaça we ş.m.);

b) eminiň çykaran netijesinden soň gödek hem aýdyň ýagdaýda topy zyňmak ýa depmek;

ç) derwezeban gödek ýagdaýda 7 metrlik jerime urgusyny gaýtarmakdan ýüz öwürse;

d) garşydaşyň düzgün bozmasyndan soň gaýtargy hereketini bermäge ymtylsa (jogap urgusy);

e) oýun saklanan wagty garşydaşa top bilen gadagan urgy etse (eger top golaý aralykdan ýüze zyňylsa, onda ol güýç ulanylan ýaly hasaplanýar);

ä) toparyň oýun meýdançasyna ylgan resmi adamsy ýa-da artykmaç oýunçysy tarapyndan derwezäni eýelemekligiň aç-açan mümkinçiligi kesilse (**4:2, 4:3, 4:6**) ýa-da toparyň resmi adamy ýa ätiýaçdaky oýunçysy oýun meýdançasyndaky ýagdaýa goşulsa;

f) eger oýnuň soňky minutynda oýunçy gol boljak hüjüme päsgel berse (utuşy ýa deňlik hasaby saklamak ýa-da uly utuşly top aratapawudyny saklamak üçin) ýa-da 7 metrlik urgynyň belleniljek ýagdaýyny aýyrmak üçin **8:5** ýa-da **8:6** düzgünde beýan edilen düzgün bozma ýol berse.

## 7-nji USULY HÖDÜRNAMA
## Başlangyç zyňyş (10:3)

**10:3** düzgüniň esasy talaplaryna laýyklykda emin başlangyç zyňşy çalt ýerine ýetirmegi üçin topara ähli şertleri döretmelidir. Beýle diýmek eminleriň ownuk talapkärçilikden (pedantizmden) gaçmalydygyny we oýna goşulmaga bahana gözlemeli däldigine ýa-da eger topar zyňşy çalt ýerine ýetirmäge synanyşanda temmi bermeli däldigini aňladýar. Mysal üçin, emin haçan-da oýunçylar başlangyç ýagdaýy çalt eýelänlerinde duýduryş bermekden ýa-da beýleki terbiýeçilik hereketlerinden saklanmaly.

Meýdançadaky zyňşy ýerine ýetirýän oýunçy dogry ýagdaýy eýelese, şonda beýleki oýunçylaryň ýerleşişine goşulmagyň zerurlygy ýok bolsa, emin çalt jürlewük çalmaga taýýar bolmaly. Şeýle-de eminler zyňşy ýerine ýetirýän toparyň oýunçylarynyň jürlewük çalnan dessine merkezi çyzykdan geçmäge hukugynyň bardygyny ýatda saklamalydyr (bu standart zyňyşlary ýerine ýetirmegiň esasy wezipelerinden daşary hasaplanylýar).

Zyňşy ýerine ýetirýän oýunçy merkezi çyzykda durup, mümkin boldugyça eglip, merkezi nokatdan 1,5 metr eglip durmagyny, hatda düzgün talap etse-de, eminler bu ýagdaýyň santimetre çenli takyk bolmalydygyny adatdan daşary berk talap etmeli däldir. Esasy wezipe garşydaş üçin başlangyç zyňşy ýerine ýetirmek üçin nireden we haçandygy aýdyň dälkä, adalatsyzlygyň we kesgitlenilmedik şertleriň bolmazlygydyr.

Mundan başga-da birnäçe meýdançalaryň merkezi bellenilmedik, birnäçesinde ortasyndaky mahabat ýazgylar sebäpli oýun meýdançasynyň merkezi çyzygy hem nokatlar görnüşinde alamatlandyrylan. Şeýle şertlerde zyňşy ýerine ýetirýän oýunçy we emin çak-çen bilen dogry orny kesgitlemeli we islendik anyklamaklyk ýagdaýy bu ýerde artykmaç we amala aşyrmak juda kyn bolýar.

## 8-nji USULY HÖDÜRNAMA
## Derwezäni eýelemegiň aç-açan mümkinçiligini kesgitlemek (14:1)

**14:1** düzgün derwezäni eýelemekligiň aç-açan mümkinçiligiň ýagdaýyny beýan etmek bilen şu ýagdaýlarda ähmiýetlidir:

a) toply oýunçy garşydaşyň derweze çyzygynyň ýanynda durup, öz göwresine gözegçilik edýär we derwezä zyňşy ýerine ýetirmäge mümkinçilik tapýar hem-de şonda garşydaşlaryň hiçisi rugsat berilýän usullar arkaly zyňşa päsgel berip bilmeýär;

b) oýunçy garşylyklaýyn hüjümde toply ylgaýar (ýa-da alyp gidişi ýerine ýetirýär), öz bedenine gözegçilik edip, derwezeban bilen ýeke-ýekä çykýar, şonda garşydaşlaryň hiçisi-de onuň öňüne geçip bilmeýär we garşylyklaýyn hüjümi kesip bilmeýär;

ç) oýunçy ýokarda beýan edilen a) ýa-da b) bölümlerdäki ýaly ýagdaýda, ýöne ol entek topa gözegçilik edenok, emma ony çalt eýelemäge taýýar, şonda eminler garşydaşlaryň hiçisiniň rugsat berilýän usullar bilen oňa päsgel berip we topy alyp bilmeýändigine ynamly bolmalydyr.

d) derwezeban öz derwezesiniň meýdançasyny taşlaýar, garşydaş toply, öz bedenine gözegçilik edip, boş derwezä hiç hili päsgelçiliksiz zyňmaga mümkinçilik tapýar. Şeýle ýagdaýda goragçylaryň oýunçylaryň arasynda ýerleşmegine rugsat berilýär, zyňşy ýerine ýetirýän we derwezeban, ýöne emin bu oýunçylaryň rugsat berilýän usullar bilen dörän ýagdaýa goşulmak mümkinçiligini hasaba almalydyr.

## 9-njy USULY HÖDÜRNAMA
## Sekundometrçiniň oýny saklamagy (18:1)

Eger-de oýunçy çalşygy wagtynda ýa-da oýunçynyň gadagan edilen görnüşde meýdança çykyp, oýnuň düzgüni bozulsa, sekundometrçi **4:2, 4:3, 4:5, 4:6** düzgüne laýyklykda oýun saklansa, toparyň garşydaşy üçin, adatça, düzgün bozulan ýerden oýun erkin urgy bilen täzeden başlanylýar. Emma oýun saklanan wagty top garşydaş üçin has amatly ýagdaýda bolan bolsa, onda erkin urgy şol ýerden ýerine ýetirilýär (**13:6**).

Şeýle düzgün bozmalar ýagdaýynda sekundometrçi **13:2** we **14:2** düzgünleriň artykmaçlyklaryny hasaba almazdan, dessine oýny saklaýar. Goraýan toparyň düzgün bozmasynda oýun saklanylyp, derwezäni aç-açan almak mümkinçiligi kesilse, onda **14:1a** düzgüne laýyklykda 7 metrlik zyňyş bellenilýär.

Sekundometrçiniň eminlere habar bermäge borçly beýleki düzgün bozma ýagdaýlarynda ol, esasan, indiki oýun saklanmasyna çenli garaşmalydyr. Eger sekundometrçi oýny ahyry saklan bolsa, onda şeýle goşulyşma topara topy ýitirmeklige getirmeýär. Oýun saklanan wagty toply topar tarapyndan erkin urgy bilen ol dowam etdirilýär. Emma eger saklanylma goranýan toparyň düzgün bozmasy bilen bolsa we eminler oýnuň saklanmagy bilen garşydaşyň derwezesini aç-açan almak mümkinçiliginiň kesilenligine ynamly bolsa, onda **14:1b** düzgüne laýyklykda 7 metrlik urgy bellenilýär. Esasan, sekundometrçi-kätibiň bellän düzgün bozmasy we onuň bu barada eminlere

habar bermesi (**4:2, 4:3, 4:5, 4:6** düzgünde beýan edilen ýagdaýdan başgasy) hususy temmä laýyk däldir.

Ýokardaky ikinji abzasda görkezilişi ýaly, **14:1a** düzgüne laýyklykda, şeýle-de 7 metrlik urgy eger-de emin ýa-da tehniki wekil (Halkara Gandbol Federasiýasyndan ýa-da Kontinental Federasiýadan) tarapyndan düzgün bozma üçin oýun saklanylan bolsa bellenilýär. Ol oýunçynyň dilden duýduryş ýa oýunça temmi bermek ýa-da resmi adama temmi bermek bilen tamamlanýar. Şonda topy eýelän toparyň derwezäni eýelemek üçin aç-açan mümkinçiliginiň kesilişi göz öňüne tutulýar.

## ÄTIÝAÇDAKY ZOLAGYŇ DESSURY

1. Ätiýaçlyk zolagy gapdal çyzygynyň daşynda, onuň sag we çep tarapynda merkezi çyzykdan tä degişli toparyň oturgyjy tamamlanýança aralykda ýerleşýär, şeýle-de eger meýdançanyň ölçegi rugsat berýän bolsa oturgyçlaryň arkasynda ýerleşýär (oýnuň düzgüni: *1-nji surata seret*).

Halkara Gandbol Federasiýasynyň we Kontinental Federasiýanyň görkezmesine laýyklykda, toparyň oturgyjy merkezi çyzykdan 3,5 metr aralykda goýulmalydyr. Bu hödürnama islendik beýleki derejedäki oýunlar geçirilende-de hereket etmelidir.

Gapdal çyzygyň uzynlygyna – oturgyçlaryň öňünde haýsydyr bir zadyň goýulmagyna rugsat berilmeýär (iň bolmanda merkezi çyzykdan 8 metr uzaklykda).

2. Diňe oýnuň ýazgy beýanyna girizilen oýunçylar we resmi adamlar ätiýaçlyk zolagynda bolmaga hukuklydyr (**4:1, 4:2**).

Hökmany ýagdaýda terjimeçi bolup biler, ol toparyň oturgyjynyň arkasynda ornaşyp biler.

3. Ätiýaçlyk zolagynda toparyň resmi adamlary doly sport eşiginde ýa-da resmi eşikde bolmalydyr.

4. Sekundometrçi we kätip emine oýundan öň we oýun wagty ätiýaçlyk zolagyna gözegçilik etmäge kömek bermelidirler.

Eger oýun başlanmazyndan öň ätiýaçlyk zolagyndaky islendik düzgün bozma üns bererlikli bolsa, onda bu düzgün bozma aradan aýrylýança oýun başlamaly däldir. Eger bu düzgün bozma oýun wagty bolsa, onda oýnuň nobatdaky saklanmasyndan soň, şol düzgün bozma aýrylýança oýun täzeden başlanmaly däldir.

5. Toparyň resmi adamlary oýun wagty hem düzgüne laýyklykda adalatlylygy we ahlak esaslary saklamak bilen, öz toparyny dolandyryp we oňa ýolbaşçylyk edip bilýärler hem-de muňa borçludyrlar. Olar öz toparynyň oturgyjynda oturmalydyrlar.

Emma resmi adamlara şu aşakdaky dessurly borçlaryny ýerine ýetirmek üçin ätiýaçlandyryş zolagynda ýerleşmäge-de rugsat edilýär:

– oýunçylaryň çalşygyny dolandyrmak;

– oýun meýdançasynda we ätiýaçlyk oturgyjynda bolan oýunçylara taktiki hödürnamalar bermek;

– lukmançylyk kömegini bermek;

– toparlaýyn taým-aut soramak;

– sekundometrçi-kätip bilen aragatnaşyga girmek.

Diňe hökmany ýagdaýlarda muny toparyň resmi wekili edip bilýär (**4:2**).

Islendik wagty turmak we gezmek diňe toparyň bir resmi adamsyna rugsat edilýär. Mundan başga-da toparyň resmi adamsyna şol pursat ätiýaçlyk zolagynda ýerleşmäge rugsat edilmek bilen, ol ýokardaky birinji bölümde beýan edilen talaplary berjaý etmelidir. Şonda resmi adam sekundometrçi-kätibiň meýdançany synlamagyna päsgelçilik döretmeli däldir.

Adatça, ätiýaçlyk zolagyndaky oýunçylar oturgyçda oturmalydyrlar.

Oýunçylara rugsat berilýän zatlar:

– ätiýaçlyk oturgyjynyň yzyna beden gyzdyrmak, eger boş ýer bar bolan şertinde, ýöne bu hereketler ýaramaz päsgelçilikler döretmese.

Toparyň resmi adamyna ýa-da oýunçylara rugsat berilmeýän zatlar:

– özlerini tertipsiz alyp barmak bilen (söz, mimika ýa-da ýaramaz alamatlar eminleriň, wekilleriň, sekundometrçi-kätibiň, toparyň resmi adamlarynyň, oýunçylaryň ýa-da tomaşaçylaryň göwnüne degmek);

– oýna goşulyşmak üçin ätiýaçlyk zolagyny taşlap gitmek;

– beden gyzdyranda turmak we gapdal çyzygyň uzaboýuna hereket etmek.

Düzgün boýunça toparyň resmi adamsy we oýunçylary öz toparynyň ätiýaçlyk zolagynda bolmalydyrlar. Muňa garamazdan, eger toparyň resmi adamsy ätiýaçlyk zolagyndan çyksa, onda ol öz toparyna ýolbaşçylyk etmek we ony dolandyrmak hukugyny ýitirýär hem-de öz hukugyny dikeltmek üçin ätiýaçlyk zolagyna dolanmalydyr.

Oýunçylaryň we resmi adamlaryň şeýle ýagdaýda oýun başlanandan tä tamamlanýança eminleriň hukugynda bolýandygy has wajyp zatlaryň biridir. Oýun meýdançasyny we ätiýaçlyk zolagyny taşlan oýunçylara we resmi adamlara temmi bermek baradaky düzgün öz güýjüni saklaýar. Şonuň üçin gödek, sporta mahsus däl hereket, sportdaky tertipsizlik we fiziki güýç edil oýun meýdançasyndaky düzgün bozma ýaly, temmi bermeklige degişlidir.

6. Ätiýaçlyk zolagyndaky dessur bozulanda eminler **16:1ç**, **16:3ç, 16:3d** ýa-da **16:6a, 16:6ç** (duýduryş, çykarmak, kowulmak) düzgünleriniň talaplaryna laýyklykda hereket etmäge borçludyrlar.

7. Eger emin ätiýaçlyk zolagynda temmi berer ýaly düzgün bozma gabat gelmese, onda sekundometrçi-kätip oýnuň saklanylmazlygy barada olary habardar etmeli.

Oýun wagty öz borjuny ýerine ýetirýän Halkara Gandbol Federasiýasynyň, Kontinental Federasiýanyň ýa-da Milli Federasiýanyň tehniki wekillerine mümkin bolan düzgün bozmalary ýa-da ätiýaçlyk zolagyndaky dessurdan çykmalary (bu ýagdaýlar eminleriň kabul eden çözgüdinden başga) eminlere nobatdaky oýun saklanmasy barada habar bermäge rugsat edilýär. Şeýle ýagdaýlarda oýun onuň ýagdaýyna laýyklykda degişli zyňyşlar bilen dowam etdirilýär.

Emma eger Halkara Gandbol Federasiýasynyň (ýa-da Kontinental Milli Federasiýanyň) resmi tehniki wekilleri düzgün bozma sebäpli dessine oýny saklamaga çözgüt çykarsa (haýsydyr bir toparyň günäsi boýunça), onda oýun toparyň garşydaşynyň topy eýelemegi bilen saklanan ýerinden başlanylýar (erkin urgy ýa-da derwezäni eýelemekligiň aç-açan mümkinçiligi kesilse, 7 metrlik urgy).

Düzgün bozan oýunça ýa-da resmi adama emin tarapyndan temmi berilmelidir, temmi bermekligiň görnüşi oýnuň ýazgy beýanynda bellige alynmaly.

8. Eger eminler Halkara Gandbol Federasiýasynyň (ýa-da Kontinental / Milli federasiýalaryň) tehniki wekili tarapyndan habar berlen ätiýaçlyk zolagynyň dessurynyň bozulmagy baradaky maglumaty hiç hili netije bermese, degişli guramalara (mysal üçin, tertip-düzgün komissiýa – topara) mälimnama iberilmeli bolar.

Bu gurama eminleriň etmişi üçin ätiýaçlyk zolagyndaky dessuryň talaplaryna laýyk degişli çözgüt çykarýar.

## OÝUN MEÝDANÇASYNA WE DERWEZÄ ÝOLBAŞÇYLYK

a) Oýun meýdançasy (*1-nji surata seret*) 40x20 metr ölçegdäki gönüburçlukdyr. Onuň ölçegi uzyn iki diagonal bilen gözegçilik edilýär. Diagonalyň uzynlygy bir gapdal çyzykdan garşydaş gapdal çyzygyň ahyryna çenli 44,72 metrdir. Ýarym meýdançanyň diagonalynyň uzynlygy gapdal çyzygyň gyraky soňundan merkezi çyzygyň gapdal çyzyk bilen kesişýän nokadyna çenli 28,28 metr. Oýun meýdançasy “çyzyklar” diýip atlandyrylýan çyzyjaklar bilen bellenilýär. Derweze çyzygynyň giňligi (sütünleriň arasy) 8 sm, edil sütünleriň arasy ýaly beýleki ähli çyzyklaryň giňligi 5 sm. Oýun meýdançasynyň goňşy zolaklarynyň araçäk çyzyklary goňşy zolaklaryň aralygynda dürli reňkler bilen araçäklendirilip bilner.

b) Derwezäniň öňündäki derweze meýdançasy 3x6 gönüburçlugy öz içine alýar we dört sany 6 metr radiusly töweregi bolan iki

sany sektory özüne birleşdirýär. Onuň belligi üçin derweze çyzgysynyň daşyndan derweze meýdançasynyň daşky çyzygyna çenli 6 metr aralykda 3 metr uzynlykda parallel çyzyk geçirmeklik hökmanydyr. Bu çyzyklaryň iki tarapyndan derweze çyzygynyň daşky araçäkleşme nokadyndan we derweze sütünleriniň içki yz tarapyndan 6 metr radiusly töweregi bolan iki sany ýaý (duga) geçirilýär. Derweze meýdançasyny çäklendirýän çyzyklar we dugalar derweze meýdançasynyň çyzygy diýlip atlandyrylýar. Iki duganyň we derwezäniň içki çyzyklarynyň araçäkleriniň iki nokadynyň arasyndaky aralyk 15 metre deňdir (*6-njy surata seret*).



– ähli ölçegler santimetrlerde
– töweregiň çärýek merkezi

**6-njy surat.**
**Derwezäniň meýdançasy we hödürlenilýän meýdança**

ç) Erkin zyňyşlaryň (9 metrlik çyzyk) arakesmeli çyzyklary derweze meýdançasynyň çyzygyna parallel we meňzeşräk geçirilýär, derweze çyzygyndan aralyk 3 metr. Segmentleriň uzynlygy we olaryň

aralygynyň arasy 15 sm deňdir. Segmentler radial görnüşdäki gönüburçluklaryň bölegi görnüşde ýerine ýetirilýär. Eplenen segmentli şekilleriň ölçegi hordanyň daşky tarapy bilen amala aşyrylýar.

d) Uzynlygy 1 metr bolan 7 metrlik çyzyk hökman derwezäniň garşysynda we derweze çyzygynyň daşyndan 7 metrlik çyzygyň daşyna çenli 7 metr aralykda parallel geçirilýär.

e) Derwezebanyň çäklendirilen çyzygy (4 metrlik çyzyk) hökman derwezäniň garşysynda ýerleşdirilýär we onuň uzynlygy 15 sm deňdir. Ol derweze çyzygynyň daşky gyrasyndan 4 metrlik çyzygyň daşky gyrasyna çenli 4 metr aralykda derweze çyzygyna parallel geçirilýär. Bu iki çyzygyň hem giňligi şu ölçege girýändigini aňladýar.

ä) Oýun meýdançasy howpsuzlyk zolagy bilen örtülen bolmaly, ol gapdal çyzygyň uzaboýuna 1 metr giňlikde çekilen bolmaly we 2 metrden az bolmadyk giňlikde derwezäniň çyzygynyň daşynda bolmaly.

f) Derweze (*2-nji surat*) her derweze çyzygynyň merkezinde goýulýar. Derweze ýere ýa-da arkasyndaky diwara berk berkidilen bolmaly. Onuň içki ölçegleri uzynlygyna 3 metre we beýikligine 2 metre deňdir. Bu onuň içki diagonalynyň ölçeginiň 360,5 sm deňdigini aňladýar (maksimum 361 sm – minimum 360 sm, ýagny şol bir derweze 0,5 sm tapawut berýär).

Derwezäniň yzky sütünleri derweze çyzygynyň içki gyrasy bilen bir derejede bolmaly (derweze çyzygynyň içinden hem şeýle), ýagny sütünleriň öň tarapy derweze çyzygynyň daşky gyrasyndan 3 sm uzaklykda goýulýar.

Derweze sütünleri we olary birleşdirýän kese sütüni şol bir materialdan bolmaly (mysal üçin, agaç, ýeňil metal ýa-da sintetiki material) we gapdallaýyn 8 sm inedördül görnüşinde sepleşmeli, onuň gapyrgalaýyn radiusy 4± 1 mm deňdir. Oýun meýdançasyndan görünýän sütünleriň üç tarapy we kese sütün iki reňkde gezekleşdirilip reňklenilmelidir, reňkler görnüşi boýunça biri-birinden we meýda-

nçanyň reňkinden tapawutlanmalydyr. Şeýle-de şol meýdançadaky ikinji derweze hem beýleki bilen birmeňzeş reňklenilmeli.

Sütünleriň we kese sütüniň birleşýän ýerindäki çyzygyň bir reňkdäki ölçegi dürli tarapa 28 sm. Beýleki ähli reňklenen sütün çyzyklary 20 sm. Derwezäniň tory bolmaly we ol “derweze tory” diýlip atlandyrylýar, ol derwezä zyňlan topuň dessine yzyna gaýtmazlygy ýa-da derwezäniň içinden geçip gitmezligi üçin niýetlenendir. Hökmany bolan ýagdaýynda goşmaça tor ulanylýar (öçüriji), ol derweze çyzygynyň daşyndan berkidilýär. Derweze çyzygynyň we goşmaça toruň arasyndaky aralyk takmynan 70 sm bolmaly, ýöne 60 sm-den az bolmaly däldir.

g) Derwezäniň torunyň çuňlugy rugsat berlen ±0,1 metrden, esasan, 1,1 metrden derweze çyzygynyň daşky gyrasyndan ýokarlygyna 0,9 metr bolmaly. Berkidilen burçlaryň ölçegi 10x10 sm-den uly bolmaly däl. Tor sütünlere we kesearkaja her 20 sm berkidilmeli. Derwezäniň toruny we öçürijini bilelikde berkitmäge rugsat edilýär, ýöne top olaryň aralygyna düşmeli däldir.

h) Derwezäniň arkasyndan daşky derweze çyzygynyň ortasyndan 1,5 metr aralyga çenli, uzynlygy 9 metrden 14 metre çenli bolan dok ýapynjaly tor bolmaly we onuň beýikligi ýerden 5 metr bolmaly.

i) Ätiýaçlyk zolagynyň ortasynda haýsydyr bir gapdal çyzygyň töwereginde sekundometrçiniň stoly goýulýar. Bu stoluň uzynlygy 4 metr we ol meýdançany oňat görmek üçin oýun meýdançasyndan 30-40 sm belentlikde ýerleşdirilýär.

k) Ýörite rugsat berilýänden başga ähli ölçegler ISO kadalaryna laýyk gelmelidir (Standartlaryň Halkara Guramasynyň ISO-sy 2768-1:1989).

l) Gandbol derwezesi CEN (Ýewropanyň Standartlar Komiteti), Standartlaryň Ýewropa Komiteti tarapyndan standartlaşdyrylandyr. CEN EN – 749 bilen bilelikde EN 202.10-1.

| № | Topary͘ň ady | 1 | 2 | 3 | 4 | Geçirilen pökgi sany | Goýberilen pökgi sany | Hasap | Ýer |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | **Aşgabat şäheri** | | $\frac{21:10}{2}$ | $\frac{25:11}{2}$ | $\frac{31:9}{2}$ | 77 | 30 | 6 | I |
| 2 | **Mary welaýaty** | $\frac{10:21}{0}$ | | $\frac{17:14}{2}$ | $\frac{19:15}{2}$ | 46 | 50 | 4 | II |
| 3 | **Daşoguz welaýaty** | $\frac{11:25}{0}$ | $\frac{14:17}{0}$ | | $\frac{19:11}{2}$ | 44 | 53 | 2 | III |
| 4 | **Balkan welaýaty** | $\frac{9:31}{0}$ | $\frac{15:19}{0}$ | $\frac{11:10}{0}$ | | 35 | 69 | 0 | IV |

# OÝNUŇ ÝAZGY BEÝANYNYŇ GÖRNÜŞI

Kätip ýokarky bölegini doldurmak bilen oýun başlaýança ýazgy beýanyny taýýar edýär (ýazgy beýanynyň belgisi, toparlaryň senesi, geçiriljek ýeri, wagty, eminleri). Hödürlenen arzalardan oýunçylaryň familiýalary we bellikleri göçürilýär.

"A" topar-komanda senenamada birinji ýazylýar, "B" – onuň garşydaşy. Meýdança çykýan her oýunçynyň familiýasynyň garşysynda __bellik edilýär – bu oýunçynyň ilkinji minutlaryndan oýna gatnaşýandygyny aňladýar. Mysal üçin, oýunçy duşuşygyň 10-njy minutynda çalşyrylýar __, 15-nji minutynda ýene-de oýna girýär __ we ş.m.

Oýnuň 1-nji ýarymynda onuň wagtyny hasaplamaklyk 1-den 30-a çenli alnyp barylýar, ikinji ýarymynda bolsa 31-den 60-a çenli alnyp barylýar, goşmaça wagt 61-65 we ş.m. Hasap hem dowam etdirilýär. Oýunçylara berlen duýduryş minutyny görkezmek arkaly bellik edilýär – D. Çykarylmak – 23 (min). Kowulmak – K.

Hasabyň üýtgändigi baradaky ýazgy oýnuň I, II ýarymlarynyň we goşmaça wagtyň sütünlerinde alnyp barylýar. Ilkinji üç sütünde şular bellenilýär: – "A" toparyň gol geçiren oýunçysynyň belgisi. M (min) sütüni iki topar-komanda üçin hem umumy hasaplanylýar. Şol bir minutda haýsy toparyň-komandanyň hasaby üýtgedýändigine garamazdan, onuň ýazgysy ikilenç ýazylmaýar – kese çyzyk goýulýar. Mysal üçin, "A" toparyň 2-nji bellikli oýunçysy ilkinji minutda derwezeden topy geçirýär. Kätip oýunçynyň belgisi görkezilýän birinji sütünde 2 ýazgyny, soňra hasaby belleýär: 1, 1-nji min.

7 metrlik jerime urgusy ýerine ýetirilende hasap sütünjigindäki sanyň daşy tegelenýär, eger topy derwezeban gaýtarsa, onda sanyň deregine G harpy ýazylýar.

Oýnuň birinji we ikinji ýarymlary tamamlananyndan soň kese çyzyk çekilýär we ahyrky netije habar berilýär.

Final jürlewüginden soň ýazgy beýanynyň ähli sütünleri doldurylýar, ýeňiji görkezilýär, ähli eminler topary, komandalaryň kapitanlary oýnuň protokolyna gol çekýärler. Uly emin iň soňundan gol çekýär.

Geçirilen duşuşyklary habar bermek we ýaryşyň netijesini jemlemek üçin geçirilen birinjiligiň tablisasy düzülýär, onda komandalaryň atlary, geçiren we geçirden toplaryň sany, ýygnan utugyň mukdary we komandanyň ýaryşda eýelän orny görkezilýär.

## GANDBOL BOÝUNÇA ÝARYŞ GEÇIRMEKDE GURAMAÇYLYK IŞLERI

Okuw türgenleşik işinde ýaryş geçirmek iň wajyp bölek bolup durýar. Ýaryşlar okuw türgenleşik işinde işiň netijesini bilmegiň serişdesi bolup gulluk edýär.

Halkara duşuşyklar biziň gandbolçy zenanlarymyza özleriniň ussatlygyny artdyrmaga, dostlugyny berkitmäge we biri-biri bilen duşuşmaga (dürli ýurtlaryň we halklaryň türgenleriniň arasynda) mümkinçilik berýär.

Türkmenistanyň Sport baradaky döwlet komiteti ýaryşlary 4 ýyl öňünden we geçirilýän wagta görä spartakiada geçirmekligi, Olimpiýada oýunlaryna taýýarlygy, her ýyla aýratynlykda ýaryşlary meýilleşdirýär. Möhüm ýaryşlara Olimpiýa oýunlary, dünýä çempionaty, döwlet, welaýat, şäherleriň arasynda geçirýän ýaryşlar degişli edilýär. Utuş gazananlara çempion ady berilýär.

Turnirler, oýun duşuşyklary özara gepleşikler esasynda guralýar we däp bolşy ýaly, ýaryşlar kalendar boýunça göz öňünde tutulýar. Barlag oýunlary komandalaryň soňky ýaryşlara taýýarlyk derejesini bilmek üçin geçirilýär. Toparlara bölmek oýunlary sport taýýarlygynyň derejesini we sport kadalarynyň taýýarlygynyň ýerine ýetirilişini barlamak üçin geçirilýär. Görkezme oýunlary gandboly wagyz etmek we meşhurlyga ýetmek üçin taýýarlyk niýeti bilen geçirilýär.

Gandbol boýunça geçirilýän ýaryşlar:

1. Olimpiýa oýunlary.
2. Dünýä çempionatlary.
3. Ýewropa klublarynyň turnirleri.
4. Halklaryň arasyndaky spartakiadalar.
5. Birinjilik ugrundaky ýaryşlar.
6. Kubok.
7. Döwletleriň, welaýatlaryň, şäherleriň arasynda birinjilik (kubok) ugrundaky ýaryşlar.

Seçip alma ýaryşlary esasy ýaryşda çykyş etmek üçin iň güýçli komandany belli etmek niýeti bilen geçirilýär. Gandbol boýunça ýaryş geçirmekde iki usul: aýlaw we çykyş usuly (kubada ýaryş) ulanylýar. **Aýlaw usulynda** her komanda öz arasynda bir gezek (bir aýlaw) ýa-da birnäçe gezek (iki ýa-da birnäçe aýlaw) duşuşýar. Ýeňijileri ýüze çykarýan bu usul komandalaryň güýç gatnaşyklaryny obýektiw görkezmekde we olary sport tehniki taýýarlygy boýunça bölmekde ulanylýar.

**Çykyş usuly** ýeňişden soň komandanyň ýaryşda çykarylmak ýörelgesine esaslanýan toparlary köpsanly komandalaryň arasynda ýeňijiniň çalt ýüze çykarylmagydyr. Bu usulyň ýetmezçiligi ol ähli ýaryşa gatnaşýan komandalaryň orunlaryny bile etmäge mümkinçilik döretmeýär, ýagny diňe ýeňijini ýüze çykarýar. Komandalar bije çekýär. Bu bolsa tötänleýindir. Iki iň güýçli komanda birinji güni duşuşyp, olaryň biri soňky duşuşyklarda çykyş etmekden mahrum bolýar. Gatnaşýan komandalaryň ýarysy eýýäm ikinji güni oýundan çykarylýar.

Komandanyň sany has köp bolanda we olar köp ýere zyňlanda garşylyk usul ulanylýar: dürli etaplarda çykyş we aýlaw usulyny ulanýarlar.

Oýunlaryň kalendaryny düzmekligiň möhümligi ýaryşa gatnaşýan komandalaryň sanyny (berlen sargytlara görä), ýaryşlary geçirmek üçin kalendarda näçe günüň bardygyny bilmek hem-de komandanyň bije atyşygyny geçirmek üçin gerek.

Komandalaryň bije atyşygy şeýle düzgün boýunça geçirilýär: gatnaşýan komandalaryň sanyna görä öňünden taýýarlanýan belgiler gabyň içine atylýar. Şonça komandanyň wekilleri bije çekýärler, bije atyşmakdan öň kalendaryň haýsy shemada düzüljekligi yglan edilýär.

**Oýnuň kalendarynyň düzüliş shemasy (5-6 komanda üçin)**

| 1-nji gün | 2-nji gün | 3-nji gün | 4-nji gün | 5-nji gün |
|---|---|---|---|---|
| 1-0(6) | 1-5 | 1-4 | 1-3 | 1-2 |
| 2-5 | 0-4 | 5-3 | 4-2 | 3-0 |
| 3-4 | 2-3 | 0-2 | 5-0 | 4-5 |

Çykyş usuly boýunça kalendaryň düzülişi: eger ýaryşa gatnaşýan komandalaryň sany jübüt bolsa (2, 4, 6, 8 we ş.m.), onda ähli komandalar ikinji oýun gününde ýaryşa başlaýarlar.




Eger komandalaryň sany täk bolsa, onda şu görnüşi ulanýarlar:

$$(a-2)\cdot 2 = x,$$

bu ýerde: $a$ – komandalaryň sany; 2 – ikinjiniň aralygy.

Emele gelen ýakyn kiçi san – gatnaşyjylaryň sany bilen şu sanyň iki derejesi $p$ bolýar: 2 ýa-da 8, onda:

$$(a-2) = (p-2)\cdot 2 = (p-8) = 3\cdot 2 = 6.$$

Şeýlelikde, orta bahaly 6 komanda ýaryşa kalendar boýunça birinji günden başlaýarlar, 5 komanda bolsa kalendar boýunça ýaryşa ikinji günden başlaýarlar.




Sport ýaryşlarynyň üstünligi onuň guralyşyna-da bagly bolýar. Ýaryşa taýýarlyk ýaryşa hödürnama düzülenden soň başlanýar. Hödürnama kalendar meýilnamasynyň wagty esasynda düzülýär we kanuny resminama bolup durýar. Hödürnama ýaryşa gatnaşýan edaralara ýaryşyň başlanmagyna 2-3 aý galanda iberilýär.

Hödürnama öz içinde şu bölümçeleri saklamaly:

1. Ýaryşyň maksady we meseleleri (güýçli komandany ýüze çykarmak: gandboly meşhur etmek, dalaşgärleri saýlamak we ş.m.).

2. Ýaryşyň geçirilýän ýeri we wagty (ýaryşyň nirede geçirilýändigi we haýsy günler bolýandygy görkezilýär).

3. Ýaryşy geçirýän wekiller (ýaryşa ýolbaşçylyk edýän, ýaryşy guraýan adam, emin agzalary görkezilýär).

4. Gatnaşýan edaralar we oýunçylar (komandanyň ady we sany, her komandadaky oýunçylaryň aňryçäk sany we ýaşy, klasifikasiýasy görkezilýär).

5. Garyşykly görkezmegiň şerti we olara seretmek.

6. Komandalary we oýunçylary baýrak bilen sylaglamak (ýeňiji komandalaryň, uly baýraga mynasyp bolanlaryň we iň gowy oýunçylaryň gutlanjakdygyny görkezýär).

7. Komandalary garşylamagyň şertleri (çykdajy edýän edara, komandalaryň gelmeli we gitmeli güni, ýerleşiş we iýmitleniş şertleri,

şeýle-de gelmek barada habarnama üçin çykaran çykdajysynyň bahasy görkezilýär).

8. Sargytnamanyň görnüşi we wagty, bije çekmäniň geçiriljek ýeri we wagty.

9. Aýratyn şertleriň goranyşda işjeň ulanylyşy (uly ösüşe komandanyň sany, barlag kadalarynyň taýýarlyk netijeleri).

## GANDBOL BOÝUNÇA DEREJELERIŇ TALAPLARY (ERKEKLER, AÝALLAR)

**“Türkmenistanyň halkara derejeli sport ussady” derejesini almak üçin şu aşakdaky ýaryşlara gatnaşmaly:**

– Türkmenistanyň Milli ýygyndy toparynyň düzüminde Olimpiýa oýunlarynda 1-12-nji orunlary eýelemeli;

– Türkmenistanyň Milli ýygyndy toparynyň düzüminde Aziýanyň çempionatynda we Aziýanyň Kubogy ugrundaky bäsleşikde 1-6-njy orunlary eýelemeli;

– Türkmenistanyň Milli ýygyndy toparynyň düzüminde Aziýanyň güýçli komandalarynyň altylygyna girýän toparlaryň üçden köpüsi gatnaşýan halkara ýaryşda 1-6-njy orunlary eýelemeli;

– klub toparynyň düzüminde Aziýa döwletleriniň we Ýewropanyň çempionatlarynda we kuboklarynda 1-4-nji ýerleri eýelemeli;

– Türkmenistanyň Milli ýygyndy toparynyň düzüminde Bütindünýä uniwersiadasynda we dünýä çempionatynda 1-10-njy orunlary eýelemeli;

– Türkmenistanyň Milli ýygyndy toparynyň düzüminde Aziýada 1-6-njy, ýetginjekleriň we 19 ýaşa çenli gyzlaryň arasyndaky dünýä çempionatynda 1-6-njy orunlary eýelemeli.

**“Türkmenistanyň sport ussady” derejesini almak üçin şu aşakdaky ýaryşlara gatnaşmaly:**

– Türkmenistanyň Milli ýygyndy toparynyň düzüminde bäş komandanyň gatnaşýan Merkezi Aziýa çempionatynda 1-4-nji orunlary eýelemeli;

– Türkmenistanyň Milli ýygyndy toparynyň düzüminde ýaşy 19-a çenli, ýaşy 21-e çenli ýetginjekleriň we gyzlaryň Merkezi Aziýa çempionatynda 1-4-nji ýerleri eýelemeli;

– Türkmenistanyň Milli ýygyndy toparynyň düzüminde daşary ýurt komandalarynyň bäşisiniň gatnaşmagyndaky Halkara ýaryşlarynda 1-3-nji orunlary eýelemeli;

– komandanyň düzüminde çykyş edip, Türkmenistanyň çempionatynda 4 gezek 1-njiligi eýelemeli;

– bir ýylyň dowamynda daşary ýurt milli komandalarynyň bäşisinden üstün çykmaly.

**Sport ussatlygyna dalaşgärligi almak üçin şu aşakdaky ýaryşlara gatnaşmaly:**

– komandanyň düzüminde Türkmenistanyň çempionatynda iki gezek 1-nji orny eýelemeli;

– iki ýylyň dowamynda iki gezek güýçli oýunçylaryň 15-siniň sanawyna düşmeli;

– Türkmenistanyň Milli ýygyndy toparynyň düzüminde halkara ýaryşlaryna gatnaşmaly.

**“1-nji derejeli türgen” diýen ady almak üçin şu aşakdaky ýaryşlara gatnaşmaly:**

– komandanyň düzüminde Türkmenistanyň çempionatynda 2-3-nji orunlary eýelemeli;

– komandanyň düzüminde iki ýylyň dowamynda welaýatlaryň çempionatlarynda 1-nji orny eýelemeli;

– 3 sany 1-nji derejeliler we 6 sany 2-nji derejelileriň gatnaşýan şäher çempionatynda ýeňiji bolmaly;

– komandanyň düzüminde çykyş edip, bir ýylyň dowamynda şäher möçberinden aşakda bolmadyk ýaryşda 2-nji derejelileriň gatnaşýan dürli toparlaryndan 8 gezek üstün çykmaly.

**“2-nji derejeli türgen” diýen ady almak üçin şu aşakdaky ýaryşlara gatnaşmaly:**

– komandanyň düzüminde çykyş edip, bir ýylyň dowamynda 2-nji derejeli dürli toparlary 4 gezek utmaly ýa-da 3-nji derejeli toparlar bilen bolan 14 duşuşygyň 8-sinde ýeňiş gazanmaly.

**“3-nji derejeli türgen” diýen ady almak üçin şu aşakdaky ýaryşlara gatnaşmaly:**

– komandanyň düzüminde çykyş edip, alty komandadan az bolmadyk islendik ýaryşda 1-3-nji orunlary eýelemeli;

– komandanyň düzüminde çykyş edip, bir ýylyň dowamynda islendik ýaryşda 15 duşuşykda 8 ýeňiş gazanmaly.

**1-nji ýetginjekler derejesi – şu aşakdaky ýaryşlara gatnaşmaly:**

– orta ýaşy 16 bolan ýetginjekler komandasynyň düzüminde 1-6-njy, Türkmenistanyň birinjiliginde 1-3-nji orunlary eýelemli;

– ýetginjekler komandasynyň düzüminde bir ýylyň dowamynda 1-nji ýetginjekler derejeli dürli toparlardan 4 gezek üstün çykmaly ýa-da 2-nji ýetginjekler derejeli toparlardan 8 gezek üstün çykmaly;

**2-nji ýetginjekler derejesi – şu aşakdaky ýaryşlara gatnaşmaly:**

– 14 ýaşly kiçi ýaşlylaryň toparynyň düzüminde çykyş edip, Türkmenistanyň birinjiliginde 1-3-nji orunlary eýelemeli;

– uly ýa-da orta ýaşlylaryň komandasynyň düzüminde çykyş edip, bir ýylyň dowamynda islendik görnüşdäki ýaryşda 2-nji derejeliler bilen geçirilen 10 duşuşygynyň 6-synda ýeňiş gazanmaly.

**3-nji ýetginjekler derejesi – şu aşakdaky ýaryşlara gatnaşmaly:**

– kiçi ýaşlylaryň düzüminde çykyş edip, Türkmenistanyň birinjiliginde 4-6-njy orunlary eýelemeli;

– komandanyň düzüminde bir ýylyň dowamynda ýaryşlarda 15 gezek çykyş etmeli;

– komandanyň düzüminde bir ýylyň dowamynda ähli şäher, mekdep ýaryşlarynda 6 gezekden az çykyş etmeli däl.

**Dereje kadalarynyň talaplaryny ýerine ýetirmegiň şertleri:**

Kalendar boýunça bellenen ýaryşlaryň 50 göterimden az bolmadyk möçberini ýerine ýetiren komanda dereje kadalarynyň talaplaryny berjaý eden hasaplanýar. Şonda oýunçy 25 göterim oýna hökman gatnaşmalydyr.

# OÝNUŇ DÜZGÜNI WE GANDBOL ADALGALARY

**Aldaw hereketi (tilsimler)** – garşydaşyň hereketini gapma-garşy tarapa üýtgetmek üçin gönükdirilen dürli hereketleriň ylalaşygy.

**Arza** – şol oýna goýberilen oýunçylaryň atlary ýazylan we lukman tarapyndan tassyklanan resminama.

**Ätiýaçdaky oýunçy** – toparyň düzüminde görkezilen, emma şol wagt meýdançada oýnamaýan oýunçy.

**Aut** – topuň meýdançanyň gapdal çyzygyndan çykmagy.

**Başlangyç zyňyş** – jürlewük boýunça meýdançanyň ortasynda geçirilýär.

**Burçdan zyňyş** – derwezäniň haýsy tarapyndan top meýdançadan çykan bolsa, şol tarapyndaky burçdan islendik ugra oýna girizilýän top.

**Bombardir** – köp mukdarda gol geçiren oýunçy.

**Çep tarapky hüjümçi** – gapdal çyzygyň çep tarapyndan hüjüm edýän oýunçy.

**Çepki ýarym ortadaky hüjümçi** – derwezeden 12-15 metr çepräkde ýerleşen oýunçy.

**Çetden edilen hüjüm** – hüjümçiniň meýdançanyň gapdal çyzygynyň golaýynda ýerleşmegi.

**Derweze** – gandbol oýny üçin ölçegleri: beýikligi 2 metr, ini 3 metr, dik we kese sütünleri agaçdan we olaryň galyňlygy 8x8 sm bolan toplaryň gönükdirilýän derwezesi.

**Derwezeban** – öz toparynyň derwezesini goraýan oýunçy.

**Derwezeden ýerine ýetirilýän zyňyş** – top hüjüm edýäniň elinden meýdançanyň maňlaý çyzygyndan geçse, top derwezeban tarapyndan oýna girizilýär.

**Derwezä zabt etmek** – top derwezäniň çyzygyndan doly geçeninden soň, emin tarapyndan bellige alynýar.

**Derweze meýdançasyna geçmek** – haçan-da hüjümçi ýa-da goragçy derwezäniň alkymyndaky meýdança girende düzgüniň bozulmasy hasaplanýar.

**Derweze çyzygy** – derwezäniň sütünleriniň arasynda 8 metr inlikde geçýän çyzyk.

**Derweze çalyşmak** – birinji döwür gutarandan soň amala aşyrylýar.

**Derwezäniň ýanyndaky emin** – derweze meýdanynyň ýanynda oýnuň düzgünine gözegçilik edýän wekil, ol derwezäniň zabt edilendigini bellige alýar. Maňlaý çyzyga golaý ýerleşýär.

**Derwezebanyň meýdan çyzygy** – derweze meýdançasyny çäklendirýän, derwezeden uzynlygy 6 metr, ini 5 metr bolan çyzyk.

**Duşuşygyň ýazgy beýany** – tutuş oýnuň gidişini şöhlelendirýän resminama.

**Eminleriň yşaratlary** – eminleriň elleriniň kömegi bilen oýna ýolbaşçylyk etmegi (oýnuň düzgünininiň bozulmagyny görkezmegi, wagty duýdurmagy we ş.m.).

**Erkin zyňyşlaryň çyzygy** – derwezeden 9 metr uzaklykda, ýaý görnüşinde aýlawly ýerleşýär.

**Halkara Gandbol Federasiýasy** – 100-den gowrak döwletiň agzalyga kabul edilmeginde gandbol boýunça uly ýaryşlary utgaşdyrýan we guraýan halkara sport guramasy.

**Gapdal çyzyk** – gandbol meýdançasynyň gapdal ölçegini çäklendirýän çyzyk.

**Garşylyklaýyn hüjüm** – guramaçylyksyz gorag hereketleriniň garşysyna toparlaýyn edilýän hüjüm hereketleriniň görnüşi.

**Gereginden artyk ylgamak** – toply oýunçynyň (eger ol topy alyp barmagy ýerine ýetirmeýän bolsa) üç ädimden köp ädendäki düzgün bozmasy.

**Gol** – garşydaş tarapyndan derwezä salnan top.

**Gol geçiren** – derwezä topy salan oýunçy.

**Goluň hasaplanylmazlygy** – top derwezä düzgün boýunça geçirilmese, eminiň ony hasap etmezligi.

**Gorag** – goranýan toparyň hüjüm edýän toparyň oýunçylaryna garşy edýän tehniki-taktiki hereketleri.

**Goragçy** – garşydaş toparyň hüjümçisine düzgünnamanyň çäklerinde gol geçirmäge mümkinçilik bermeýän oýunçy.

**Gorag çyzygy** – ulgamlaryna baglylykda oýunçylaryň goranyşda ýerleşişleri (6:0, 5:1 we ş.m.).

**Goranyş ulgamy** – goranýan toparyň 6:0, 5:1, 3:3 we ş.m. dürli gurluşdaky ýerleşişleri (olar zolaklaýyn, garyşyk, şahsy diýlip tapawutlandyrylýar).

**Gowşak oýun** – toparyň hüjümçileriniň gol geçirmek maksady bilen işjeň hereketleri alyp barmaga göwnemezligi. Eminiň jürlewügi boýunça şonda top topardan alnyp, garşydaşlara geçirilýär.

**Goşmaça wagt** – ýeňijini ýüze çykarmaklyk hökmany bolanda oýnuň netijesi deňme-deň hasap bilen tamamlansa, hersi 5 minutdan ybarat iki sany goşmaça wagtyň berilmegi.

**Gyzyl petek** – bu petek bilen emin sporta mahsus däl hereketi üçin oýunçylaryň, tälimçileriň we hyzmat edýän gullugyň wekilleriniň biriniň oýna gatnaşmaýandygyny mälim edýär.

**Howply oýun** – oýunçynyň garşydaşyna şikes getirip biläýjek nädogry hereketi.

**Hüjüm** – garşydaşyň derwezesine gol geçirmek maksady bilen oýunçylaryň edýän tehniki-taktiki hereketleri.

**Hüjüm ediş çyzygy** – oýunçylaryň hüjümde ýerleşişleri, oýunçylar birinji hüjüm çyzygyna (çet gyradakylar we ikinji çyzykdakylara ýarymortada we topy oýna girizýänler) diýlip bölünýärler.

**Hüjüm ediş ulgamy** – hüjüm edýän toparyň oýunçylarynyň meýdançadaky ýerleşişleri. Olar oýunçylaryň birinji we ikinji çyzyklarda ýerleşişleri 3+3, 4+2 diýlip tapawutlandyrylýar.

**Jedelli top** – haçan-da gapma-garşy toparyň iki oýunçysy bir wagtda oýnuň düzgünini bozsa, top meýdançanyň ölçegine girmeýän ýerine – depesine ýa-da başga bir zada degse, eminler jedelli top diýip yglan edýärler.

**Jerime wagty** – oýunçynyň oýundan daşlaşdyrylmagy ýa-da iki minutlyk jerimä ugradylmagy. Jerime wagtyň hasaby eminiň topy oýna girizmek barada çalan jürlewüginden soň başlanýar.

**Jerime zyňşy** – derwezä top aç-açan girjek wagty düzgün bozulsa, 7 metrlik çyzykdan jürlewük boýunça ýerine ýetirilýär.

**Kätip emin** – oýnuň ýazgy beýanyny alyp barýan emin.

**Kiçi gandbol** – gysgalan düzgünler boýunça çagalar üçin gandbol oýny.

**Merkezi goragçy** – öz ýygyndy toparynyň merkezinde goranyş hereketlerini ýerine ýetirýän oýunçy.

**Meýdançadaky emin** – meýdançada, esasan, top nirede bolsa şol ýerde oýnuň düzgünine gözegçilik edýän wekil.

**Närazylyk** – toparyň ýaryşyň düzgünnamasynyň haýsydyr birini bozanlygy bilen ylalaşmaýandygyny bildirýän närazylygy baradaky resminamasy.

**Oýunçy çalşyrylýan zolak** – gapdal çyzygyň her tarapynda, orta we gapdal çyzygyň çatrygynda 4,45 metr uzynlykda geçirilen meýdançanyň bölegi.

**Oýunçylary çalşyrmak** – islendik wagt oýny saklaman, öz toparynyň oýunçy çalyşýan zolagynda amala aşyrylýar.

**Oýunçylaryň egin-eşigi** – futbolka, şorty, sport köwşi. Derwezebanyň futbolkasynyň reňki toparyň beýleki oýunçylarynyň eşiginiň reňkinden tapawutlanmalydyr. Olaryň bellikleri 1, 12, 16; döşündäki we arkasyndaky bu san bellikleriň ölçegi 10 sm.

**Oýunçyny nädogry çalyşmak** – meýdançadaky oýunçylaryň düzüm sanynyň bozulmagy. Oýunçy çalyşmagyň düzgünini bozan oýunçy 2 minutlyk jerime hökmünde oýundan çykarylýar.

**Oýunçy saklamak** – goragçy oýunçynyň hüjümçiniň hereketlerini çäklendirmek maksady bilen edýän hereketleri.

**Oýnuň saklanylmagy** – oýunçy şikes alan ýagdaýynda ýa-da top oýna girizilende ol köp wagt saklansa, eminiň jürlewügi arkaly amala aşyrylýar.

**Oýnuň dikeldilmegi** – oýun saklanylandan soň, emin tarapyndan jürlewügiň çalnyp, onuň täzeden başlanylmagy.

**Oýnuň wagty** – erkekler we aýallar üçin iki tapgyr – hersi 30 minutdan, jahyllar we olaryň deň-duş gyzlary üçin 25 minut, ýetginjekler üçin 15 minut. Tapgyrlaryň arasynda 10 minutlyk arakesme göz öňüne tutulýar we şondan soň derwezeler çalşylýar.

**Oýundan daşlaşdyrmak** – sporta mahsus bolmadyk ýa-da toparyň ýaryşa gatnaşdyrylmagynyň gadagan edilmegi.

**San taýdan artykmaçlyk** – topar şeýle artykmaçlygy çalt edilen garşylyklaýyn hüjümiň hasabyna ýa-da garşydaş toparyň oýunçysy jerime hökmünde oýundan çykarylanda gazanyp bilýär.

**Sary petek** – onuň kömegi bilen emin oýunça oýnuň düzgünini gödek bozanlygy üçin duýduryş berýär.

**Sekundometrçi emin** – wagta gözegçilik edýän, jerime wagty we 45 sekundy bellige alýan emin.

**Sporta mahsus bolmadyk häsiýet** – şikes almagy üçin bilgeşleýin edilen gödeklik, paýyş sögünç, eminleriň garşysyna edilýän gödek hereketler (oýunçy şonda ýaryşdan çetleşdirilýär).

**Zyňlyşa böwet goýulmagy** – topuň ýa-da hüjümçi oýunçynyň hereket ýolunyň beklenilmegi, topa böwet goýmaklyk bir ýa-da iki el bilen ýokardan, gapdaldan, aşakdan bolup biler.

**Topa erk etmek** – hüjüm edýän toparyň oýunçysynyň tehniki-taktiki hereketi bolup, onuň topy gapyp, ýoldaşlaryna geçirip, garşydaşyň derwezesinden geçirmeklige etjek bolýan synanyşygy.

**Toparlaryň düzümi** – 12 adam (meýdançadaky 10 sany oýunçy we 2 sany derwezeban), 5-den az bolmadyk, olaryň biri derwezeban, topar oýna başlap bilýär.

**Toparlaryň tapawutlandyrylmagy** – toplar aýallar we erkekler toparlary üçin tapawutlandyrylýar. Aýallar topary, gyzlar we ýetginjekler (15-16 ýaş we 13-14 ýaş) we ondan kiçiler üçin topuň töweregi 54-56 sm, agramy 325-400 gram. Erkekler topary, jahyllar (17-18 ýaş we 19-20 ýaş) üçin topuň töweregi 58-60 sm, agramy 425-475 gram.

**Topuň zyňylmagy** – topy derwezä zyňmaga mümkinçilik berýän emel. Zyňyşlar diregli ýagdaýda bökülip, ýykylyp, duran ýerinden we bat alnyp ýerine ýetirilýär.

**Topy alyp barmak** – oýunçynyň tehniki-taktiki hereketi bolup, topy bir elinden beýleki eline (sagdan çepe ýa-da tersine) geçirip, ýere urup, alyp barmagy.

**Topy oýna girizýän** – hüjüm edýän toparyň öz oýunçylarynyň hüjüme başlajak hereketlerini guraýan oýunçy.

**Tilsim** – oýunçylaryň ylalaşykly taktiki we tehniki hereketleri.

**3 metrlik düzgüni berjaý etmezlik** – goranýan toparyň oýunçylary top oýna girizilende, ony oýna girizýän oýunçydan üç metrden golaýda ýerleşmeli däldir.

**Üç sekuntlyk düzgün** – oýunça topa (eger ony alyp barmaklygy ýerine ýetirmeýän bolsa) üç sekuntdan köp erk etmeklik rugsat berilmeýär.

**7 metrlik jerime zyňyşlarynyň çyzygy** – derwezeden 7 metr uzaklykda ýerleşýär, uzynlygy 1 metr, ini 5 sm.

**Ýaryşyň düzgünnamasy** – kabul edilen dessur boýunça oýnuň alnyp barylmagy.

## PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 5-nji tom. – Aşgabat, 2012.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 6-njy tom. – A., 2013.

4. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 7-nji tom. – A., 2014.

5. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 8-nji tom. – A., 2015.

6. *Perewaruha P.A.* Gandbol. Okuw gollanmasy. – Aşgabat, 1991.

7. *Переваруха П.А.* Нетрадиционные средства подготовки гандболистов. Учебное пособие.

8. *Брил М.С*. Отбор в спортивных играх. – М.: ФиС, 1980.

9. *Верхошанский Ю.В*. Основы специальной физической подготовки спортсменов. – М.: ФиС, 1988.

10. Гандбол: Поурочная программа для групп начальной подготовки ДЮСШ // Под ред. Игнатьевой В.Я. – М.: Госкомспорт СССР, 1983.

11. *Дубровский В.И*. Реабилитация в спорте. – М.: ФиС, 1991.

12. *Зотов В.П.*, *Кондратьев А.И*. Моделирование подготовки гандболистов высокой квалификации. – Киев: Здоровя, 1982.

13. *Игнантьева Я.*, *Портнов Ю.М*. Учебник тренера по гандболу. – М.: ФОН, 1996.

14. *Кнышев А.К.* Организация и судейство соревнований по гандболу. – М.: ФиС, 1986.

15. *Вогларев М.Н., Коровников К.А., Яповая Н.И., Азибекян Г.А.*, Особенности питания спортсменов. Теория и практика физической культуры, 1985, № 1, 34-40 с.

16. *Копинский М.И., Авендин А.Н.* Рациональное питание спортсменов. – Киев: Здоровья, 1985. 146 с.

17. *Конишев В.А.* Питание и регулирующие системы организма. – М.: Медицина, 1985. 224 с.

18. *Менеджер А*. Основы биохимии. – Мир, 1985, т. 3, 825 с.

19. *Шатурников В.А., Вогларев М.Н., Коровников К.А*. Физическая активность и потребность человека в энергии и пищевых веществах. Теория и практика физической культуры, 1982, №5, 22-26 с.

20. *Моногарова В.Д., Булатова М.М.* Питание в системе подготовки спортсменов. – Киев: Олимпийская литература, 1996.

## MAZMUNY


Giriş .......... 7

**SAPAKLARYŇ GEÇIRILÝÄN ÝERI .......... 10**

**GANDBOL OÝNUNYŇ DÜZGÜNNAMASY .......... 12**

Oýun meýdançasy .......... 12
**Oýun wagty, final signaly we taým-aut**
Oýun wagty .......... 16
Final signaly .......... 18
Taým-aut .......... 19
Top .......... 20
**Topar, ätiýaçdaky oýunçylar, oýunçynyň egin-eşigi**
Topar .......... 21
Ätiýaçdaky oýunçylar .......... 23
Oýunçynyň egin-eşigi .......... 24
Derwezeban .......... 25
Derweze meýdançasy .......... 26
Toply oýun. Gowşak oýun .......... 28
Düzgüni bozmak we sporta mahsus bolmadyk hereket .......... 31
Derwezäni eýelemek .......... 33
Başlangyç urgy .......... 35
Gapdal çyzygyň daşyndan zyňmak .......... 36
Derwezebanyň zyňşy .......... 36
**Erkin zyňyş**
Erkin zyňşy ýerine ýetirmäge çözgüt .......... 37
Erkin zyňşyň ýerine ýetirilişi .......... 38
**7 metrlik urgy**
7 metrlik urgyny ýerine ýetirmeklige çözgüt .......... 40

7 metrlik urgynyň ýerine ýetirilişi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 41
**Zyňyşlary ýerine ýetirmek boýunça umumy hödürnamalar** (Başlangyç zyňyş, gapdal çyzygyň daşyndan zyňyş, derwezebanyň zyňşy, erkin zyňyş we 7 metrlik urgy)
Zyňşy ýerine ýetirýän oýunçy. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 42
Zyňşy ýerine ýetirýän oýunçynyň ýoldaşlary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 43
Goragyň oýunçylary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 43
Oýny dowam etdirmeklige çalnan jürlewük. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 43
Sanksiýalar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 44
**Temmi berme**
Duýduryş. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 45
Oýundan çykarylmak . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 46
Oýundan kowulmaklyk. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 47
Çykarylmak. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 49
Şol bir ýagdaýda birden köp düzgüni bozmak . . . . . . . . . . . . . . . . . . 49
Oýundan öň ýa-da soň düzgüni bozmak. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 50
Eminler . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 51
Sekundometrçi, kätip, tablonyň operatory we diktor. . . . . . . . . . . . . 53

**HALKARA GANDBOL FEDERASIÝASYNYŇ ŞERTLI EL HEREKETLERI (ŽESTLERI)........................................................54**

**OÝNUŇ DÜZGÜNLERI BOÝUNÇA USULY HÖDÜRNAMALAR.55**

1-nji usuly hödürnama
Final signalyndan soň erkin zyňşyň ýerine ýetirilişi (2:4, 2:6). . . . . . . . 55
2-nji usuly hödürnama
Taým-aut (2:8) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 56
3-nji usuly hödürnama
Toparlaýyn taým-aut (2:10) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 57
4-nji usuly hödürnama
Gowşak oýun (7:11, 7:12). . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 58
Duýduryş el hereketiniň ulanylyş usulyýeti . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 60
5-nji usuly hödürnama
Sporta mahsus däl hereket (8:4, 16:1ç, 16:1e) . . . . . . . . . . . . . . . . . 61
6-njy usuly hödürnama
Gödek, sporta mahsus bolmadyk hereket (8:6, 16:6ç) . . . . . . . . . . . . . 62

7-nji usuly hödürnama
Başlangyç zyňyş (10:3) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 63
8-nji usuly hödürnama
Derwezäni eýelemegiň aç-açan mümkinçiligini kesgitlemek (14:1) . . . 64
9-njy usuly hödürnama
Sekundometrçiniň oýny saklamagy (18:1) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 65
Ätiýaçdaky zolagyň dessury . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 66
Oýun meýdançasyna we derwezä ýolbaşçylyk . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 69
Oýnuň ýazgy beýanynyň görnüşi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 74
Gandbol boýunça ýaryş geçirmekde guramaçylyk işleri . . . . . . . . . . . 75
Gandbol boýunça derejeleriň talaplary (erkekler, aýallar) . . . . . . . . . 79
Oýnuň düzgüni we gandbol adalgalary ............................................ 82
Peýdalanylan edebiýatlar ..................................................................... 87

*Atamyrat Geldimämmedow, Pawel Perewaruha*

# GANDBOL BOÝUNÇA
# ÝARYŞLARY GURAMAK WE GEÇIRMEK


| | |
|---|---|
| Redaktory | *G. Orazberdiýew* |
| Teh. redaktor | *T. Aslanowa* |
| Kompýuter bezegi | *Ý. Peskowa* |

Ýygnamaga berildi 20.06.2015. Çap etmäge rugsat edildi 14.09.2015.
Möçberi 60x84 $^{1}/_{16}$. Edebi garnitura.
Hasap-neşir listi 3,52. Çap listi 5,75. Şertli-çap listi 5,347.
Neşir №45. Sargyt №80. Sany 100.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň “Ylym” neşirýaty.
744000 Aşgabat, Türkmenbaşy şaýoly, 18.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň “Ylym” çaphanasy.
744000. Aşgabat, Bitarap Türkmenistan şaýoly, 15.